# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
# – GARAŞSYZLYK BIZIŇ ŞÖHRATLY GEÇMIŞIMIZDIR, BAGTYÝAR ŞU GÜNÜMIZDIR, BEÝIK GELJEGIMIZDIR. GARAŞSYZLYK BIZIŇ DÜNÝÄ DOLAN BELENT AT-ABRAÝYMYZDYR HEM-DE ŞAN-ŞÖHRATYMYZDYR.


ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

29-njy sentýabr, 2023. Belgisi 39/1553




Ýurdumyzyň baş baýramy – mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllygy mynasybetli mähriban Watanymyzyň ähli künjeklerinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň belent döredijilik ruhuny, özgerdiji güýjüni alamatlandyrýan dabaralar ýaýbaňlandyryldy.

# ŞANLY GARAŞSYZLYGYMYZYŇ TOÝY ULUDAN TUTULDY

### GARAŞSYZLYK BINASYNA GÜL DESSELERI GOÝULDY

Asylly däbe görä, esasy baýramçylyk çäreleri häzirki we geljek nesilleriň ýadynda müdimilik galjak taryhy wakanyň – Watanymyzyň özygtyýarlylygynyň binagärlik nyşanyna – Garaşsyzlyk binasyna gül goýmak dabarasy bilen başlandy. Bu çärä hormatly Prezidentimiz hem gatnaşdy.

Ir säher bilen Garaşsyzlyk binasynyň öňünde ildeşlerimiz hem-de baýramçylyk çärelerine gatnaşmak üçin paýtagtymyza gelen myhmanlar ýygnandylar.

Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlanýar. Hormatly Prezidentimiz dabaraly ýagdaýda türkmen halkynyň täze taryhy eýýamynyň beýik üstünlikleriniň nyşany bolan ýadygärlik toplumynyň öňünde gül dessesini goýdy.

Soňra döwlet Baştutanymyzyň göreldesine eýerip, Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, welaýatlaryň, Aşgabat hem-de Arkadag şäherleriniň häkimleri, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, hormatly ýaşulular, ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalaryň, halkara guramalaryň ýolbaşçylary, talyp ýaşlar, paýtagtymyzyň köp sanly ýaşaýjylarydyr myhmanlary gül desselerini goýdular.

### DABARALY HARBY ÝÖRIŞ GEÇIRILDI

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygy mynasybetli esasy dabaralar Döwlet münberi toplumynyň öňünde ýaýbaňlandyryldy. Baýramçylyk dabarasyna Hökümet agzalary, Mejlisiň Başlygy we deputatlar, Halk Maslahatynyň agzalary, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary, şeýle hem Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň häkimleri, ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalaryň ýolbaşçylary, baýramçylyk mynasybetli paýtagtymyza gelen daşary ýurt wekiliýetleriniň agzalary gatnaşdylar.

Döwlet münberiniň öňündäki meýdançada ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň ähli goşun görnüşleriniň harby gullukçylarynyň baýramçylyk mynasybetli dabaraly harby ýöriş geçirildi. Onuň dowamynda Watanymyzyň goranyş kuwwaty, halkymyzyň parahat we asuda durmuşynyň, mukaddes serhetleriniň hem-de Garaşsyzlygymyzyň gazananlarynyň goragynda duran türkmen esgerleriniň ýokary hünär ussatlygy, başarjaňlygy görkezilýär.

Ýörişe gatnaşýanlaryň düzüminde ýöriteleşdirilen ýokary okuw mekdepleriniň harby gullukçylary we harby talyplary, Milli goşunymyzyň esgerleridir serkerdeleri bar.

Ýurdumyzyň Harby-deňiz güýçleriniň harby gämileriniň gözden geçirilişi baýramçylygyň tapawutly aýratynlygy boldy. Döwlet münberiniň meýdançasynda gurnalan ýörite uly ekran arkaly göni ýaýlymda çärä gatnaşyjylar bir wagtyň özünde Hazar deňzinde geçirilýän deňiz flotunyň baýramçylyk ýörişini synladylar.

Döwlet münberiniň toplumynyň öňündäki meýdançada Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň we beýleki harby we hukuk goraýjy edaralarynyň düzümleriniň we harby tehnikalarynyň ýörişi boldy. Ýörişiň dowamynda ýurdumyzyň goranyş kuwwatyny üpjün etmäge niýetlenen häzirki zaman ýerüsti, howa uçar tehnikalary we ýaraglar görkezildi.

Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 32 ýyllygy mynasybetli baýramçylyk harby ýörişine gatnaşýan iň häzirki zaman ýerüsti we harby howa tehnikalary hem-de ýaragly düzümleri ýurdumyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak, Ýaragly Güýçlerini döwrebaplaşdyrmak, harby we hukuk goraýjy edaralaryň işini kämilleşdirmek meselelerine yzygiderli üns berýändiginiň aýdyň güwäsidir.

2



# GARAŞSYZLYK DÖWRÜNIŇ ykdysady üstünlikleri

***Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllyk şanly toýy türkmen halkynyň baky berkararlygynyň, agzybirliginiň, abadanlygynyň we sarsmaz döwletiniň toýudyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe önjeýli zähmet arkaly ýurdumyzdaky gazanylan we gazanylýan ösüş-özgerişlere, ähli ugurlardaky ýetilen belent sepgitlere diňe ýurdumyzyň raýatlary däl, eýsem, daşary ýurtly dost-doganlarymyz hem guwanýar.***

Garaşsyzlyk ýyllarynyň ýurdumyzyň asyrlara barabar gazanan üstünlikleri, halkara derejede gün-günden beýgelýän abraýy, ylmy esasda, innowasion taslamalaryň binýadynda milli ykdysadyýetimiziň barha kuwwatlanmagy, raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagy dünýä derejesinde ykrar edilýän mizemez hakykatdyr. Ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary uly üstünliklere eýe bolýar. Türkmen halkynyň



Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan beýik işleriň, döwrebap özgertmeleriň, taryhy wakalaryň, dünýä ýaň salýan halkara ähmiýetli başlangyçlaryň dowam edýän zamanasynda – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyz bagtyýar, asuda, bolelin durmuşda ýaşaýar.

Türkmenistan milli ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösýän şertlerinde dünýäniň dürli döwletleri bilen ýokary tehnologiýaly pudaklarda hyzmatdaşlyk etmäge, häzirki zamanyň öňdebaryjy bilimlerini we dolandyryş çözgütlerini ornaşdyrmaga uly ähmiýet berýär.«Türkmenistanyň2020-2025-nji ýyllar üçin daşary ykdysady işiniň ösüşiniň maksatnamasyny», «Türkmenistanyň 2021-2030-njy ýyllar üçin daşary söwda strategiýasyny» we söwda, ykdysadyýet hem-de maýa goýumlar ulgamlaryna degişli resminamalardan gelip çykýan çäreleri hem-de taslamalary amala aşyrmak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Bu babatda, milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşine we ilatyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna ýardam berýän oňyn halkara şertleri döretmek, dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryna işjeň gatnaşmak, daşary ykdysady hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek, iri maýa goýumlaryny ýurdumyza çekmek ýaly wajyp wezipeler ileri tutulýar.

3

# DÖWREBAP DESGALAR – abadançylygyň nyşany

***Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllyk toýunyň toýlanýan günlerinde eziz Diýarymyzyň dürli sebitlerinde birnäçe desgalaryň açylyş dabaralary geçirildi. Ýokary derejeli geçirilen dabaralara şäher, welaýat we etrap häkimlikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, hormatly ýaşulular hem-de ýaşlar gatnaşdylar.***

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllyk baýramçylygy mynasybetli täze desgalaryň ulanmaga berilmegi ýurdumyzda halkymyzyň rowaçlygynyň möhüm ugry hökmünde welaýat, etrap merkezlerinde, şäherlerde we obalarda häzirki zaman durmuş-ykdysady düzüminiň kemala getirilmegine ägirt uly üns berilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Şeýlegiňgerimligurluşykişleriniňhatarynda paýtagtymyzyň «Parahat–7» ýaşaýyş toplumynda täze ýaşaýyş jaýlarynyň açylyş dabarasynyň geçirilmegi hem bu ugurda alnyp barylýan



işleriň ýokary netijelidigini görkezýär. Bu ýerde ähli amatlyklar bilen üpjün edilen 9 gatly ýaşaýyş jaýlarynyň 10-sy açylyp ulanmaga berildi.

6 sany ýaşaýyş jaýynyň her biri 54 öýden, 4 ýaşaýyş jaýynyň hem her biri 36 öýden ybarat bolup, olar häzirki zaman şähergurluşyk ýörelgelerine laýyk gelýän giň, ýagty otagly, iň täze hojalyk tehnikalary bilen üpjün edilip, ýokary hilli enjamlaşdyrylan aşhanadyr beýleki otaglar amatly durmuş gurşawyny döredýär. Bu ýerde binalaryň ýanaşyk çäkleri abadanlaşdyrylyp, çagalar üçin oýun we sport meýdançalary hem göz öňünde tutulandyr.

Şeýle hem ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda paýtagtymyzyň Bagtyýarlyk etrabynyň «Çoganly» ýaşaýyş toplumynda kottej görnüşli ýaşaýyş jaýlarynyň 24-siniň açylyş dabarasy boldy. Iki gatly kottej jaýlarynyň her biri 5 otagdan ybaratdyr.

Baýramçylyk mynasybetli guralan möhüm çäreleriň hatarynda Aradag şäherinde çagalar seýilgähiniň düýbüni tutmak dabarasy hem halkymyzyň göwün guşuny ganatlandyryp, kalplaryny buýsanç duýgusyna besledi. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň ösüp gelýän ýaş nesil barada bimöçber aladasynyň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi.

2

## «ÝÜZÝÄN» metjit gurlar



Dubaýda dünýäde ilkinji «ýüzýän» metjit gurlar. Bu barada BAE-niň Yslam we haýyr-sahawat işleri ministrligi habar berdi. Dubaýyň suw kanalynda durmuşa geçiriljek taslamanyň bahasy 55 million dirhem (15 million dollar) bolar. 4

## SAGLYK ÜÇIN 10 müň ädim



Ýöremegiň adam saglygyna peýdalydygyny hemmämiz bilýän bolsak gerek. Ýöremek artykmaç agramdan dynmaga, beýniniň işjeňligini artdyrmaga hem-de ýürek-damar bilen bagly keselleriň öňüni almaga ýardam edýär. 5

## Birinjilik ugrunda ÝITI GÖREŞ



Moto GP boýunça möwsümiň 13-nji ýaryşy Hindistanyň Noida şäherinde geçirildi. Şäherdäki «Buddh» trassasynda geçirilen ýaryşda «Mooney VR46 Racing» toparynyň italiýaly sürüjisi Marko Bezzekki ýeňiş gazandy. 6

## NOBEL BAÝRAGYNYŇ möçberi artdyryldy



Halkara Nobel baýragynyň pul sylagy bir million şwed krony möçberinde artdyryldy. Bu ýyl sylagyň möçberi 11 million şwed kronyna deň bolup, 984 müň amerikan dollaryna barabardyr. 7

## Dünýäniň üçünji uzyn gowagy

Hytaýyň günorta-günbataryndaky Guýçžou welaýatyndaky Şuanhedun gowak ulgamy dünýäniň uzynlygy boýunça üçünji gowagy diýlip ykrar edildi. Gowagyň uzynlygy 409,9 kilometre, iň çuň ýeri 912 metre ýetýär. Şeýle hem bu gowak Aziýadaky iň uzyn gowak hasaplanýar. Soňky



geçirilen barlagda gowagyň içinde 40 sany pandanyň galyndylary we beýleki paleontologik galyndylary tapyldy. Gowagy öwrenmek üçin geçirilen barlaga welaýatyň Dag serişdeleri institutyndan, Gowaklar bileleşiginden hem-de Fransiýadan, Italiýadan we Belgiýadan 30-dan gowrak hünärmeniň gatnaşandygy aýdyldy.

Mundan ozal 2019-njy ýylda halkara bilermenleriň geçiren barlagynda gowak ulgamynyň uzynlygy 257,4 kilometr, çuňlugy 665 metr diýlip hasaplanypdy.

Alymlar bu ýerde gadymy döwürde ýaşap geçen jandarlaryň galyndysynyň ylym üçin ähmiýetlidigini belleýärler.

Halkara bilermenlerden ybarat toparlar 1988-nji ýyldan bäri bu gowakda jemi 22 ylmy-barlag işlerini geçiripdir.

**Eneş ROZYÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

## Dinozawryň skeleti satuwa çykarylar

Fransiýanyň paýtagty Parižde 150 million ýyl ozal ýaşap geçen dinozawryň saklanyp galan skeleti satuwa çykarylar. «Drouot» auksion öýi tarapyndan beýanatda «camptosaurus» maşgalasyna degişli bolan skeletiň 20-nji oktýabrda satuwa çykaryljakdygy mälim edildi. Taryhy



eserler boýunça bilermenler «Barry» atly skeletiň bahasynyň 1,2 million ýewro ýetjekdigini çaklaýarlar.

Dinozawryň galyndysynyň 2000-nji ýylda ABŞ-nyň Waýoming ştatyndan tapylandygy mälim edildi. Onuň kelle çanagynyň 90 göterimi dişleri bilen bilelikde saklanyp galypdyr. Uzynlygy 2 metre ýetýän gadymy jandara paleontolog Berri Jeýms at goýupdyr.

Mundan ozal 2021-nji ýylda «Drouot» auksion öýi «Big John» atly 66 million ýyl ozal ýaşap geçen dinozawryň skeletini 6,6 million ýewro, 2022-nji ýylda «Zephyr» atly 150 million ýyl ozal ýaşap geçen dinozawryň skeletini 673 müň ýewro satypdy.

**Süleýman ABDULAZIMOW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## «Nissan» diňe elektroulag satar

Koreýanyň «Nissan Motor Co.» kompaniýasy 2030-njy ýyldan başlap Ýewropa ýurtlarynda diňe elektrik energiýasy bilen işleýän ulag satar. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Uçida Makoto elektroulaglara bolan islegiň neti-



jeli çözgütdigini hem-de mundan ýza dolanylmajakdygyny aýtdy. Onuň sözlerine görä, kompaniýa bir milliondan gowrak elektroulag satypdyr. Merkezi edarasy Ýokohama şäherinde ýerleşýän «Nissan» 2030-njy ýyldan başlap Ýewropada diňe dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglaryň satuwyny amala aşyrmagy meýilleşdirýär.

Kompaniýa mundan ozal 2030-njy ýyla çenli global önümçiliginiň 19 göteriminiň dolulygyna elektrik energiýasy bilen işleýän ulaglar boljakdygyny mälim edipdi. Şeýle hem şol ýyla çenli 27 sany täze elektroulag brendini taýýar etmegi meýilleşdirýändigini habar beripdi.

**Gurbangeldi ATAŞOW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# ŞANLY GARAŞSYZLYGYMYZYŇ TOÝY ULUDAN TUTULDY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

### HORMATLY PREZIDENTIMIZE AHALTEKE BEDEWI SOWGAT BERILDI

Baýramçylyk dabarasynyň çäklerinde at esbaplary – şaý-sepler bilen bezelen ajaýyp ahalteke bedewi Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygy mynasybetli Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe amala aşyrylýan ägirt uly özgertmeler, türkmen halkynyň bagtyýarlygy hem-de abadançylygy, Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda hemişelik aladasy üçin tüýs ýürekden hoşallygyň nyşany hökmünde Hökümet agzalarynyň adyndan döwlet Baştutanymyza sowgat berildi. Gün şöhlesine lowurdaýan Arkaly atly bu naýbaşy bedew ahalteke bedewleriniň muşdaklarynyň arasynda giňden tanalýan Meleguş we Elwan diýen bedewleriň neslindendir.

### ÝURDUMYZDA GAZANYLAN ÜSTÜNLIKLER GÖRKEZILDI

Soňra meýdançada ýurdumyzyň ýeten sepgitlerini we gazanan üstünliklerini açyp görkezýän baýramçylyk ýörişi boldy. Meýdançadan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň agzalary, Mejlisiň deputatlary, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, hormatly ýaşulular, Arkadag, Aşgabat şäherleriniň we welaýat häkimlikleriniň işgärleri hem-de ýüzlerçe zähmetkeşler geçdiler.

Umuman, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň wekilleriniň baýramçylyk ýörişi milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň her biriniň ýeten sepgitleri we üstünlikleri barada ýaňlanýan söhbet bilen utgaşýar, ykdysadyýetimiziň okgunly ösüşi häzirki döwrüň aýdyň nyşanyna öwrüldi.

Ýurdumyzyň baş meýdançasyndaky dabaralar Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüne, Watanymyzyň häzirki bagtyýar gününe we röwşen geljegine bagyşlanan «Arkadagly Gahryman Serdaryň ak ýoly bilen öňe!» atly aýdym-sazly kompozisiýa bilen tamamlandy. Aşgabatda badalga alan baýramçylyk dabarasy ýurdumyzyň ähli künjeklerinde şowhunly we uly ruhubelentlik bilen geçirildi.



### KÖPÖWÜŞGINLI FEÝERWERK ŞÜWELEŇI

Dabaralar agşam «Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň öňündäki meýdançada baýramçylyk konserti bilen dowam etdi. Onda ýurdumyzyň meşhur estrada aýdymçylary çykyş etdiler. Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygyna bagyşlanan dabaralar Aşgabatda köpöwüşginli feýerwerk şüweleňi bilen tamamlandy. Ol döwlet Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramyny has-da dabaralandyryp, hemmelerde ýakymly täsirleri galdyrdy.

# DÖWREBAP DESGALAR — ABADANÇYLYGYŇ NYŞANY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Garaşsyzlyk baýramçylygy mynasybetli Gökdepe etrabynda täze, döwrebap obalaryň ikisiniň – Nurly zaman we Köpetdagyň ýalkymy obalarynyň açylmagy welaýatyň ýaşaýjylary üçin ajaýyp baýramçylyk sowgady boldy. Şu obalardan öý almak bagty miýesser eden ildeşlerimiziň ýüzlerçesi üç, dört hem-de bäş otagly döwrebap öýleriň eýeleri boldular. Obalaryň her biri 100 gektardan gowrak meýdanda ýerleşmek bilen, bir gatly ýaşaýyş jaýlarynyň 400-sini öz içine alýar. Täze obalaryň her birinde bina edilen ýaşaýyş jaýlarynyň 100-si üç otagly, 200-si dört otagly, 100-si bolsa bäş otaglydyr. Täze nusgalyk obalarda 640 orunlyk orta mekdepler, 320 orunlyk çagalar baglary, saglyk öýleri, söwda merkezleri we oba geňeşlikleriniň edara binalary bar.



Türkmenistanyň Mejlisiniň şu ýylyň 21-nji sentýabryndaky kararyna laýyklykda, Gökdepe etrabynda döredilen täze ilatly ýerlere oba derejesi berildi. Mundan beýläk bu obalar, degişlilikde, «Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Köpetdag geňeşliginiň Köpetdagyň ýalkymy obasy» we «Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Owadandepe geňeşliginiň Nurly zaman obasy» diýlip atlandyrylar.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda döwrebap desgalaryň açylmagy möhüm ähmiýetli waka boldy. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň halkymyzyň ýaşaýyş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen durmuş ugurly syýasatynyň üstünliklere beslenýändiginiň nobatdaky subutnamasy bolup durýar.

Şeýle hem paýtagtymyzda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllygy mynasybetli Türkmenistanyň ykdysady üstünlikleriniň sergisi geçirildi. Däp bolşy ýaly, Watanymyzyň baş baýramynyň öňüsyrasynda Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda geçirilýän nobatdaky ykdysady gözden geçiriliş ösüşiň aýdyň ýoluna düşen milli ykdysadyýetimiziň guwandyryjy üstünliklerini şöhlelendirmäge gönükdirilendir.

**Gözel AŞYROWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

# Milli mirasymyzyň halkara derejesindäki dabaralanmasy

Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň arasynda ýola goýlan hyzmatdaşlygyň 30 ýyllygy dabaraly bellenip geçildi. Geçen döwürde ýurdumyz ÝUNESKO we onuň degişli komitetleri, ylmy-barlag institutlary bilen hyzmatdaşlyk edip, medeni-ynsanperwer, ylym-bilim, sport, aragatnaşyk we maglumat ugurlary boýunça baý tejribe toplady. Birleşen Milletler Guramasyndan şu baýramçylyk günlerinde şatlykly habar gelip gowuşdy.

Şu ýylyň 10–25-nji sentýabry aralygynda Saud Arabystany Patyşalygynyň Er-Riýad şäherinde ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasy komitetiniň 45-nji giňişleýin mejlisi geçirildi. Onuň barşynda Türkmenistanyň Özbegistan we Täjigistan Respublikalary bilen bilelikde hödürlän «Beýik Ýüpek ýoly: Zarawşan – Garagum geçelgesi» hem-de Türkmenistanyň Özbegistan we Gazagystan Respublikalarynyň bilelikde hödürlän «Aram guşaklykdaky Turan çölleri» atly köptaraplaýyn hödürnamalary ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmek baradaky çözgütler biragyzdan kabul edildi.

Şunuň bilen birlikde, «Aram guşaklykdaky Turan çölleri» atly köptaraplaýyn hödürnamanyň çäklerinde ýurdumyzyň «Bereketli Garagum», «Gaplaňgyr» döwlet tebigy goraghanalarynyň, «Repetek» döwlet biosfera goraghanasynyň we onuň «Ýerajy» çäkli goraghanasynyň çöl ekoulgamynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilendigi aýdyldy. Munuň özi ýurdumyzyň tebigy baýlyklary we täsin ekoul-



gamyny aýawly saklamakda amala aşyrýan işleriniň halkara bileleşik tarapyndan ykrar edilmeginiň nobatdaky aýdyň beýanydyr.

«Aram guşaklykdaky Turan çölleri» atly köptaraplaýyn hödürnama ekologik we biologik prosesleriň yzygiderli nusgasy bolmak bilen, daşky gurşawyň şertleriniň üýtgemeginde dürli ösümlik we haýwanat dünýäsiniň uýgunlaşmagyny we ýaşamagyny kesgitleýändigi bellendi. Bu ýerleriň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi global derejede ýitip gitmek howpy abanýan haýwanlaryň we ösümlikleriň ähli görnüşlerini has gowy gorap saklamak üçin ýurtlaryň halkara hyzmatdaşlygyny güýçlendirmäge mümkinçilik berer.

«Beýik Ýüpek ýoly: Zarawşan – Garagum geçelgesi» atly hödürnama bolsa, Täjigistanda, Türkmenistanda we Özbegistanda ýerleşýän 31 sany ýadygärligi özünde jemleýän transmilli hödürnama biziň eramyzdan öň II asyrdan biziň eramyzyň XVI asyryna çenli ýüpek ýolunyň bu böleginde binagärlik we tehnologiýa, monumental sungat we şäher gurluşygy boýunça ajaýyp üstünlikleri görkezýär. Bu çäkde orta asyr şäherleri we Sogdian sungat eserleri, zoroastrizmiň, hristiançylygyň we yslamyň Merkezi Aziýa täsirini görkezýän binagärlik ýadygärlikleri şekillendirilýär.

Halkara bilim giňişliginde Birleşen Milletler Guramasy hem-de bu guramanyň iri düzümleri bolan Çagalar gaznasy, Ilat gaznasy, Ösüş Maksatnamasy, ÝUNESKO bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň ýaýrawynyň we ugurlarynyň giňeldilmegine hem möhüm orun berilýär. Türkmenistan çagalaryň ýaşaýşyny, goraglylygyny we ösüşini üpjün etmek boýunça Bütindünýä Jarnamasyna, Birleşen Milletler Guramasynyň Çaganyň hukuklary hakyndaky Konwensiýasyna, Çagalaryň halkara derejede ogurlanmagynyň raýat-hukuk jähetleri boýunça Gaaga Konwensiýasyna goşuldy.

2023-nji ýylda ÝUNESKO-nyň UNITWIN halkara maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Medeni miras: geçmişden geljege» hem-de Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynda «Durnukly ösüş üçin ekologiýa bilimi» atly ÝUNESKO kafedralarynyň açylmagy, 6 sany orta mekdebiň bu guramanyň mekdepler assosiasiýasynyň toruna girizilmegi bu ugurda alnyp barylýan işleriň ýaýrawynyň yzygiderli giňelýändiginiň hem-de milli mirasymyzyň halkara derejesinde dabaralandyrylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

**Gülöwser ANNAÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

# 1-nji oktýabr – Ýaşulularyň halkara güni



Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy esasynda we Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda adamzadyň belent ynsanperwer ýörelgelerini dabaralandyrýan halkara baýram – Ýaşulularyň halkara güni Watanymyza, asuda, abadan durmuşymyza guwanyp ýaşaýan, dili senaly ýaşuly nesillerimiziň bagtyýar durmuşyna gaýtalanmajak öwüşgin çaýyp, eziz Diýarymyza bolan çäksiz buýsanjy has-da artdyrýar.

Ýurdumyzda Ýaşulularyň halkara güni adamzat gymmatlyklaryny baýlaşdyrýan, ynsanperwerlik gatnaşyklaryny, nesilleriň arasynda agzybirligi we jebisligi pugtalandyrýan baýram hökmünde bellenilýär. Ýaşulularyň halkara gününe ömür menzillerinde baý durmuş tejribesini toplan ýaşuly nesillerimize hormat goýmagyň, olaryň Watan öňünde bitiren hyzmatlaryny, jemgyýetimiziň agzybirligini we döwletimiziň berkararlygyny berkitmekde çeken zähmetini ykrar etmegiň baýramy hökmünde uly sarpa goýulýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan beýik işler asudalygy üpjün ediji ruhy güýje eýedir. Halkymyzyň ykbalynyň güllemegine gönükdirilen işler zähmet ýeňişlerimiziň badalgasy bolup durýar. Ýurdumyzda ýaşulularymyzyň sarpasy belentde tutulyp, ilkinji gezek 2007-nji ýylda Ýaşulularyň halkara güni bellenip başlandy.

Taryhyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan gadymy türkmen halky hakynda söhbet edeniňde, bada-bat biziň döwrümize çenli gelip ýeten ajaýyp däp-dessurlar, edim-gylymlar göz öňüňe gelýär. Bularyň ählisi hakynda gürrüň edip çykmak asla mümkin däl. Dokuzy düzüw türkmeniň öýleriniň gelşigi, toýlarynyň ýaraşygy, köp ýaşan aksakgallarymyz, ene-mamalarymyz dogrusynda gürrüň etmek gyzykly hem ýakymly. Ýüz-gözlerinden nur dökülip duran, akyl-paýhasdan ýüki ýetik, salyhatly türkmen gojalary türkmeniň gadymdan bäri aýratyn eý görüp, sarpalap gelýän ynsanlary bolupdyrlar. Türkmen kalbyna mahsus pähimdarlygy, myhmansöýerligi bilen ula-kiçä nusga bolup, gündelik durmuşda pähim-paýhasy bilen hemaýatçy bolup ýören ýaşulularymyz barasynda söz açmaly bolanda Görogly begiň atasy Jygaly beg göz öňüňe gelýär. Çardagly Çandybile soltanlyk eden Jygaly begiň iň gowy häsiýetleriniň biri-de toý-sadakalarymyzda häli-şindi dilden düşmän gelýän myhmansöýerlik däbine ägirt uly sarpa goýanlygydyr.

Garaşsyzlyk ýyllary ýaşuly nesliň wekilleriniň at-abraýyny arşa galdyrdy. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň agzalygyna saýlanyp, onuň işine işeňňir gatnaşyp gelýän ýaşulularymyzyň atlary dillerimizde dessana öwrüldi. Her bir işde ýaşula sala salmak, olaryň ak patasyny almak, olar bilen maslahat etmek däbi külli türkmen halky tarapyndan ýörelge edilip gelinýär. Bular hakynda gürrüň açylanda Magtymguly Pyragynyň:

***Ne ajap döwranlar süren,***
***Ýagşy-ýaman baryn gören,***
***Bizler bilen hemra bolan,***
***Aksakgallar bak, danadyr –***

– diýen setirleri biygtyýar ýadyňa düşýär. Danalykda belli aksakgal gojalarymyz, ene-mamalarymyz Garaşsyz döwletimizde, döwrümiziň beren ajaýyp miweleriniň hözirini görüp, bu günki bagtly durmuşa buýsanýarlar. Geçen urşuň weteranlary, ýanýoldaşlary uruşdan gelmän, häli-häzirlerem ýar ojagyny saklap oturan kümüş saçly enelerimiz geçirilýän çärelere, dabaralara çagyrylýar. Olar şonda ýaşlara watansöýüjilik, halallyk, mertlik we türkmeniň häsiýetine mahsus bolan beýleki ynsanperwerlik nusgalaryny sargyt edýärler.

Döwletimizde her ýylda Ýaşulularyň halkara gününiň uly dabara bilen bellenilip geçilmegi, il sylagly ýaşululara «Hormatly il ýaşulusy» diýen adyň dakylmagy, ýaşuly nesilleriň Käbä gidip haj parzyny berjaý edip gelmegi bagtyýarlyk zamanamyzda ýaşululara goýulýan ummasyz uly sarpanyň aýdyň mysalydyr. Ýurduň, jemgyýetiň durmuşynda ýaşulularyň öz orny bar. Çünki, olaryň ömür ýoly durmuş mekdebidir.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ýaşulularymyz üçin dürli ýeňillikleriň döredilmegi, bitirýän hyzmatlaryna sylag-sarpa goýulmagy halkymyz tarapyndan gyzgyn makullanma tapdy. Ýurdumyzyň çäklerinde, ýagny şäherlerine, etrap merkezlerine ýa-da oba ýerlerine baryp, halk köpçüligi bilen gürrüňdeş bolanyňda, 85-90 ýaşdan geçen uzak ýaşly eneleriň, ýaşulularyň köpdügini aýdýarlar. Hemişe bolşy ýaly, olar dabaralarymyzyň, toý-märekelerimiziň, törlerimiziň gelşigi.

Aýdymda aýdylyşy ýaly:

***Garrylar käýese kineli bolmaň,***
***Ýene-de ugruňda şolar janserek***

– diýen setirler türkmen gojalarynyň geçirimliliginden, ynsanperwerliginden habar berýär. Goý, ýaşulularymyz, ene-mamalarymyz toýlarymyzyň gelşigi, törlerimiziň ýaraşygy bolup ýaşasynlar.

**Güljan BEKIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkeziniň redaktory.*

## Maşk etmek üçin iň amatly wagt

Lukmanlar aşa agramdan dynmak üçin günüň haýsy wagtynda maşk etmelidigini anykladylar. ABŞ-nyň Wirginiýa uniwersitetiniň alymlarynyň geçiren barlagynda irden sagat 7:00-dan 9:00 aralygynda maşk etmegiň bedendäki ýagy has köp ýakýandygy ýüze çykaryldy. Orta ýaşly 5 müň 285 adamyň arasynda geçirilen barlagyň netijesinde irden maşk edenleriň günortan we agşam maşk edenlere garanyňda, agramynyň boýuna görä, has deňagramlydygy anyklandy. Şeýle hem irden maşk edenleriň biliniň has inçedigi belli boldy. Üstesine-de irden maşk edýän-



leriň günüň dowamynda başga hereket etmeýändigine garamazdan, agramynyň kadalydygy bellenildi. Barlaga gatnaşanlara ýedi günläp maşkyny yzarlaýan enjam dakyldy. Alymlar ir bilen maşk edilende günüň dowamyndaky iş bilen bagly beýleki aladalardan uzak bolýandygy sebäpli has täsirlidigini belleýärler. Lukmanlar ir turýan adamlaryň rahat uklap, gowy dynç alýandygyny aýdýarlar.

**Jahan ÝAZGULYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň mugallymy.*

## Ýel turbinasynyň ganatlary gaýtadan ulanylýar

Adamzat irki döwürlerden bäri dürli maksatlar bilen ýeliň güýjünden peýdalanýar. Öňki döwürlerde un üwemek üçin ýel degirmenleri gurlupdyr. Elektrik energiýasyny öndürmek üçin niýetlenen ilkinji beket 1883-nji ýylda Wenada geçirilen halkara sergide görkezilýär. 2000-nji ýyllardan soňra bu maksat bilen has



köp ýel bekedi gurlup başlandy. Äpet perleri bolan ýel beketleri ortaça, 25-30 ýyl ulanylýar. Soňra bolsa, olaryň önümçiligi pese gaçansoň täzelenýär. Indi bolsa inženerler soňky ýyllarda has köp gurulýan ýel beketleriniň ulanyşdan galanlaryny gaýtadan ulanyp başladylar. Munuň üçin döredilen «Re-Wind Network» atly taslamanyň çäklerinde ýel bekediniň perleri köpri we beýleki gurluşyk desgalarynda peýdalanylýar. Bu köprüler 30 tonna çenli agyr ýükleriň geçmegine mümkinçilik berýär. Taslamany Irlandiýanyň, Demirgazyk Irlandiýanyň we ABŞ-nyň bäş sany ýokary okuw mekdebi, şeýle hem ylmy-barlag instituty taýýarlady. Taslamanyň çäklerinde äpet perlerden awtobus duralgasy, telekommunikasiýa diňleri, köprüler, awtoýollaryň galmagalyny azaldýan haýatlar we pyýada geçelgeleri ýaly çözgütleriň eýýäm birnäçesi durmuşa geçirildi.

Bilermenler geljek 20 ýylyň dowamynda 8,6 million tonna ýel bekediniň ulanyşdan galjakdygyny çaklaýarlar. Emma aýna süýümli polimerden öndürilýän bu äpet ganatlar ýokary hilli gurluşyk materialy hökmünde hyzmat edip biler.

Inženerler bu perleriň gaýtadan ulanylmagynyň daşky gurşaw üçin hem peýdaly boljakdygyna ünsi çekýärler.

**Gülendam ESENOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 29-y, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112505
Belgisi: 39/1553
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**e-poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Garaşsyzlyk döwrüniň ykdysady üstünlikleri

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

«Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamagyň 2018–2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» kabul edilip, häzirki wagtda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Türkmen telekeçileri söwda toplumynda, ykdysadyýetiň täze pudaklarynda, şol sanda ýurdumyzyň mineral-çig mal baýlyklaryny işläp taýýarlamakda, sanly ykdysadyýeti, elektron senagaty ösdürmekde geljegi uly taslamalary durmuşa geçirýärler.

Türkmenistanyň gurluşyk we senagat toplumy tarapyndan häzirki wagtda ýurdumyzda gurluşyk pudagyny döwrebaplaşdyrmak, gurluşyk serişdeleriniň täze önümçiliklerini döretmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilýän mukdaryny artdyrmak, önümçilige innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça wezipeler üstünlikli çözülýär.

Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň ulanmaga berilmegi diňe bir ýurdumyzyň däl, dünýä binagärliginiň taryhynda-da şanly waka öwrüldi. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen, «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda, täze şäheriň gurluşygynyň birinji tapgyrynda durmuş-medeni we beýleki dürli maksatly desgalaryň 336-sy guruldy.

Üstümizdäki ýylda hem ykdysady babatda oňyn netijeler gazanylýar. Muňa şu ýylyň sekiz aýyndaky makroykdysady görkezijiler hem aýdyň subutnama bolup durýar. Ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ösüşi 2023-nji ýylyň ýanwar-awgust aýlarynda 6,2 göterimde saklanyp galdy. Bölek haryt söwdasy 9,6 göterim, daşary söwda dolanyşygy 2,5 göterim ýokarlandy. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmelerinden maýa goýumlarynyň mukdary 10,9 göterim ösüş gazanyldy. Eksportyň geografik çäginiň hem yzygiderli giňeýändigini bellemek gerek. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 100-den gowrak döwleti bilen



söwda gatnaşyklaryny alyp barýar.

Türkmenistan geografik ýagdaýdan we beýleki mümkinçiliklerden has ýerlikli peýdalanmak bilen, häzirki wagtda sebitleri hem-de yklymlary birleşdirýän strategik ähmiýetli ýurda öwrülýär. Sebitara gatnaw ýollarynyň çatrygynda ýerleşýän döwletimiziň üstaşyr kuwwata eýe bolmagy milli we ählumumy maksatlara gönükdirilen ulag diplomatiýasyny hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan möhüm ugruna öwürmäge ýardam etdi.

Gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýan Aşgabat – Türkmenabat, Aşgabat – Türkmenbaşy ýokary tizlikli awtomobil ýollary ýurdumyzyň sebitlerini gysga wagtda birleşdirer, ýolagçylar üçin has oňaýly şertleri döreder.

**Farhat DURDYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# Garaşsyzlyga söýgi – Watana söýgi

Garaşsyz Türkmenistan döwletiniň döremegi uly taryhy waka bolup, türkmen halkynyň ykbalynyň göterilen, bagtynyň çüwen güni hökmünde ýyl ýazgylaryna altyn sahypa bolup girdi.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň her güni toý, her güni baýram. Ýöne mukaddesligi bilen aýratyn orny eýeleýän Garaşsyzlyk baýramy baýramlaryň täji. Biz bu düşünjäniň mazmunyndan gazanan ýeňişlerimize, ýeten derejämize, eýe bolan bagtymyza doly göz ýetirip bilýäris. Garaşsyzlyk düşünjesi juda belent, örän çuň, ol her bir ynsanyň, jemgyýetiň hem bütin halkyň ykbalyny kesgitleýär. Taryh üçin gysga wagt bolan 32 ýylyň dowamynda Türkmenistan öz syýasaty, ösen ykdysady, täze mazmunly, baý medeniýeti bilen dünýä döwletleriniň arasynda öz mynasyp ornuna eýe boldy. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň belent münberinden hormatly Prezidentimiziň ösüş arkaly parahatçylyk, sebit hem sebitara ylalaşyk, energetika, ekologiýa, ulag meseleleri barada eden teklipleri dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan gyzgyn goldanylýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Serdarymyzyň jöwher paýhasyndan dörän içeri hem daşary syýasaty biziň her birimizi buýsandyrýar.

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan» atly kitabynda taryhyň ujypsyzja zamanynda Türkmenistan döwletiniň tanalmaz derejede özgerendigini, ösen döwletleriň hataryna goşulyp, dünýäde hemişelik Bitarap döwlet hökmünde ylalaşdyryjy we parahatçylygy goraýjy merkeze öwrülendigini nygtamagy, Garaşsyzlygyň datly miweleriniň sanardan kändigine ýene bir ýola şaýatlyk edýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ata Watanymyz ylmy-amaly maslahatlaryň, ylmy forumlaryň geçirilýän ýurduna öwrüldi. Ýaş alymlara dünýäniň ylmy merkezlerinde tejribe işlerini geçirmäge, ylmy çeşmeleri peýdalanmaga ähli mümkinçilikler döredildi. Hormatly Prezidentimiz ähli ugurlar bilen bir hatarda medeniýet ulgamyny hem ünsden düşürmeýär.

Medeniýet ulgamynda gazanylan hem gazanylýan üstünlikler aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Çünki Garaşsyzlygyň beren bagty edebiýat we sungat eserlerinde öz beýanyny tapýar. Medeniýet barada ýörite Kanunyň kabul edilmegi bu ulgamyň kanun esasynda ösdürilmegine esas döretdi. Hormatly Prezidentimiz medeniýet ulgamynyň edaralarynyň jemgyýetçilik guramalary, habar beriş serişdeleri bilen utgaşykly işlemegini we bir bitewi medeni giňişligi emele getirmegini, netijede ilatyň medeni gymmatlyklara we eşrete deň derejede



aralaşmagyny gazanmagynyň gerekdigini belleýär. Halkyň jemgyýetçilik gurluşynda täze bir döwür başlanan mahalynda Garaşsyzlygyň many-mazmunyny halka düşündirmek, täzelenen ruhy dogry ýola gönükdirmek, durmuşyň ähli ugurlaryny açyp görkezmek söz ussatlarynyň borjy bolup durýar. Bu gün döreden müňlerçe eserleri bilen ýazyjylarymyzyň bu babatda halkyň öňündäki borjuny abraý bilen berjaý edendiklerini buýsanç bilen aýdyp bolar.

Medeniýet ulgamyny döwrebap ösdürmek üçin zerur bolan maddy esas döredildi: kitaphanalaryň, muzeýleriň teatrlaryň, medeniýet öýleriniň köşk ýaly ajaýyp binalarynda zerur bolan zatlaryň hemmesi bar. Bu döwletiň kuwwatyndan, mümkinçiliginden habar berýär. Hut şol mümkinçilik esasynda sungatda gazanan üstünliklerimizi äleme ýaýmaga-da giň mümkinçilik aldyk. Daşary ýurtlarda geçirilýän Medeniýet günleri, hepdelikler, festiwallar hem-de beýleki çäreler milli mazmuna baý medeniýetimiziň has-da baýlaşmagyna şert döredýär. Şeýle çäreler diňe türkmen medeniýetini ösdürmekde däl, beýleki halklaryň edebiýatyny, sungatyny, medeniýetini baýlaşdyrmakda hem ägirt uly hyzmaty ýerine ýetirýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda taryhy geçmiş, meşhur şahsyýetler, häzirki döwrümiziň ösüşleri, öňegidişikleri hakynda gürrüň berýän sahna eserleri döredildi. Esasan hem, opera sungaty täze derejelere ýetip, sahnada türkmeniň geçmiş taryhyna degişli şa dessanlardyr dessanlar, rowaýatlar esasynda ençeme operalar döredildi. Täzeden dikeldilip täze öwüşginlere eýe bolan «Şasenem-Garyp», «Görogly», «Magtymguly», «Leýli-Mejnun», «Zöhre-Tahyr», «Hüýrlukga-Hemra» ýaly operalar tomaşaçylaryň söýgüsini gazandy. Türkmenistanyň döwlet simfoniki orkestri, hor, opera, sirk sungatynyň täzeden dikeldilmegi, başga ýurtlaryň hazynalaryndaky taryhy, medeni, edebi mirasymyzyň öz nusgalarynyň ýa-da göçürmeleriniň bize gelip gowuşmagy, taryhy şahslarymyzyň, nusgawy şahyrlarymyzyň halkara çäklerinde ýubileý dabaralarynyň ýokary derejede geçirilmegi we onlarça beýleki çäreler Garaşsyzlygymyzyň bize beren örän giň mümkinçiligidir. Garaşsyz, erkin ýaşamak her bir ynsanyň halkyň esasy gymmatlyklarynyň biridir, ýöne türkmen halky üçin Garaşsyzlygyň gadry bir başga. Asyrlar boýy arzuwlanyp, arzylanyp ýetilen Garaşsyzlyk mukaddeslik derejesine göterilýär. Ösüşleriň ýolunda özgertmek, gurmak, döretmek bagtyny berkarar döwleti bilen berk baglanyşdyrýan türkmen halkynyň dünýä beren tizligi, gözelligi, gülleýşi nämä degmeýär?!

Garaşsyzlyga bolan söýgi türkmeniň süňňüne, ruhuna siňendir. Aslynda, Garaşsyzlygyň özi ýaşaýşa, il-güne söýgüdir. Hormatly Prezidentimiziň döwletimiziň ähli babatda uly ösüşlerini üpjün edýän, agzybir türkmen halkynyň eşretli we bagtyýar geljegi üçin amala aşyrýan tutumly işleri rowaç bolsun!

**Laçyn ORAZOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň mugallymy.*

# Arkadag şäheri – döwrüň buýsanjy

Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 32 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda şanly senä bagyşlanyp, ýurdumyzyň sebitlerinde täze obalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň, döwrebap çagalar baglarynyň, mekdepleriň, saglygy goraýyş hem-de ilata durmuş taýdan hyzmat ediş ulgamlarynyň desgalarynyň açylandygyny her birimiz bilýäris. Häzirki wagtda hem şeýle desgalaryň ençemesiniň gurluşyklary alnyp barylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy, Arkadagly Serdarymyzyň taýsyz tagallalary esasynda bina edilen Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň açylyş dabarasy Watanymyzyň iň täze taryhynyň şöhratly sahypasy bolup, her birimiziň buýsançly başymyzy göge ýetirdi.

Gahryman Arkadagymyz täze şäheriň gurluşygyny hemişe üns merkezinde saklamak bilen, ol ýere yzygiderli baryp, işleriň gidişi bilen tanyşýar. Guralan iş saparlarynyň ýygjamlygyna üns berseň, täze şähere Milli Liderimiziň näderejede ähmiýet berýändigine göz ýetirmek bolýar.

Özboluşly tebigy aýratynlyklary, ýollaryň gyrasyna ekilen saýaly, pürli we miweli agaçlar, suw çüwdürimleri, ýanýodalarda açylyp duran al-elwan güller «akylly» şäherde howanyň arassa bolmagyna giň mümkinçilik berýär. Ak mermerli binalaryna täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, daşky gurşaw üçin zyýansyz elektromobilleriň we elektrobuslaryň hereket etmegi, «akylly» öý hyzmatlaryndan peýdalanylmagy Arkadag şäheriniň ekologiýa taýdan arassadygyny alamatlandyrýan esasy aýratynlyklardyr. Täze şäherde ylym-bilim, medeni maksatly binalar, döwrebap ýaşaýyş jaýlary bilen birlik-



de, saglyk we sport ulgamyna degişli desgalar ýerleşýär.

«Akylly» şäher tehnologiýasy ulanylyp gurlan döwrebap 5, 7 we 9 gatly, köp öýli ýaşaýyş jaýlary «Smart-city» konsepsiýasyna esaslanýan Arkadag şäheriniň aýratynlygydyr. Arkadag şäheriniň gurluşygy we onuň sanly binýadynyň işlenip taýýarlanylmagy ýurdumyzyň ugurdaş ýokary okuw mekdepleriniň talyplary we professor-mugallymlar düzümi üçin nazaryýet bilimlerini, ukyplaryny, täzeçil tekliplerini we pikirlerini iş ýüzünde ulanmagyň özboluşly mekdebine öwrüldi. Mysal üçin, täze şäherde birnäçe ýokary okuw mekdepleriniň talyplary ýaşaýyş jaýlarynyň ençemesinde «akylly» ulgamyny goldamak işlerini amala aşyrdylar.

Arkadag şäherinde şeýle hem ilkinji gezek täze «123» gullugy işe girizildi. Munuň özi degişli dessin gulluklary, şol sanda gaz we ýangyn howpsuzlygy, tiz kömek gulluklaryny çagyrmagyň bitewi belgisidir. Şeýlelikde, «123» gullugynyň işi adatdan daşary ýagdaýlarda zerur kömegi bermäge we öňüni alyş çärelerine gönükdirilendir.

Täze döwrüň innowasion şäherinde peýdalanylýan sanly tehnologiýalar diňe bir ýaşaýjylaryň zähmet çekmegi we dynç almagy üçin oňaýly düzümleri döretmek bilen çäklenmän, eýsem, ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşine-de goşant goşýar. Ykdysadyýetiň sanlylaşdyrylmagy çykdajylary azaltmaga we girdejileri artdyrmaga ýardam edip, işewürlige oňyn täsirini ýetirýär. Sanly ulgamyň peýdalanylmagy möhüm wezipeleri ýeňil çözmäge we serişdeleri tygşytlamaga ýardam edýär. Dünýäniň dürli ýurtlarynda «akylly» şäher konsepsiýasynyň durmuşa geçirilmeginiň oňyn tejribesi bu hakykaty tassyklaýar. Döwlet hyzmatlary, şäheriň ulag serişdelerini dolandyrmak, suwuň we energiýanyň ýerlikli peýdalanylyşy, bilim, saglygy goraýyş, innowasion, oba hojalygy we galyndylaryň gaýtadan işlenilişi hem «akylly» şäheriň tehnologiýalarynyň wezipeleriniň esasy ugurlarydyr.

**Bägül MUHAMMEDOWA,**
*Aşgabat şäherindäki 35-nji orta mekdebiň mugallymy.*

# Halk Maslahaty – jemgyýetiň jebisligi

Garaşsyz Diýarymyzda Arkadagly Serdarymyzyň saýasynda il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işler yzygiderli durmuşa ornaşdyrylýar. Halkyň asuda, parahat, bolelin durmuşda ýaşamagy üçin düýpli aladalar edilýär. Şeýle beýik maksatlar göz öňünde tutulyp, ata-babalarymyzyň «Maslahatly biçilen don gysga bolmaz» diýen ajaýyp jümlesinden ugur alnyp, ýylyň-ýylyna mukaddes Garaşsyzlyk baýramynyň öň ýanynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi geçirilýär. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň gün tertibine ýurdumyzy mundan beýläk-de okgunly ösdürmäge, halkymyzyň bagtyýar we abadan ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen düýpli özgertmeleriň durmuşa geçirilişi baradaky ileri tutulýan wezipeler girizilip, onda il-ýurt bähbitli kararlar kabul edilýär.



Türkmenistanyň Halk Maslahaty Esasy Kanunymyza laýyklykda hem-de umumy ykrar edilen demokratik ýörelgeleriň esasynda hereket edýän ýokary wekilçilikli edara bolup, döwürleriň we nesil dowamatynyň aýrylmaz özara baglanyşygyny, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň hakyky halk häkimiýetliliginiň gadymy däplerine, saýlanyp alnan döredijilik ýoluna ygrarlydygyny alamatlandyrýar. Merdana ata-babalarymyzyň parasatly wesýetlerine we asylly ýörelgelerine eýerip hem-de döwletiň we jemgyýetiň durmuşyna degişli wajyp meseleleri ara alyp maslahatlaşmak, Garaşsyz Watanymyzda ýetilen sepgitleri, halkymyzyň agzybirligini we jebisligini has-da berkitmek, milli demokratiýany ösdürmek boýunça gazanan üstünliklerimizi täze derejelere ýetirmek maksady bilen geçirilýän umumymilli bu forum geljekde türkmen halkynyň asuda, parahat durmuşyny üpjün eder.

Bu gün beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň arzuwlan zamanasy hasyl bolup, berkarar Watanymyzyň şan-şöhraty dünýä dolýar. Watanymyzda çagalar baglarynyň, orta we ýokary okuw mekdepleriniň, sport mekdepleriniň, medeni-durmuş maksatly binalaryň, ençeme ýaşaýyş jaýlarynyň, döwrebap obalaryň, şäherçeleriň we Arkadag şäheriniň açylyp ulanmaga berilmegi ata Watanymyzyň kuwwatyny görkezýär. Ýurdumyzda azyk howpsuzlygy doly üpjün edildi. Bazarlarymyzyň, dükanlarymyzyň özümizde öndürilýän harytlardan dolup durmagy gözüňi dokundyrýar. Türkmen halkynyň Milli Lideriniň başyny başlan we Arkadagly Serdarymyz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilýän özgertmeler deňsiz-taýsyzdyr.

Türkmenistan ösüşleriň täze belentliklerine tarap ynamly barýar we häzirki döwürde ata-babalarymyzyň asylly däplerini dowam etdirmek babatda giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Biz bu işlerde gujur-gaýratly, ukyp-başarnykly we bilimli hem synmaz erkli ýaşlarymyza daýanýarys. Türkmenistanyň Halk Maslahaty bolsa adamlary belent maksatlaryň daşynda birleşdirip, öňe alyp gitmekde uly güýç bolup çykyş eder.

**Aba ÇARYÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy.*

# Sanly ulgam – döwrebap ösüş

Hormatly Prezidentimiziň parasatly syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi netijesinde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň şan-şöhraty dünýä dolup, ykdysady taýdan kuwwatly döwletleriň hataryndaky orny has-da pugtalandyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň «Milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek, ýokary ylmy mümkinçiligi bolan, giň gözýetimli, maksada okgunly, innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply, ýokary hünärli, taýýarlykly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek boýunça ähli tagallalar ediler» diýen parasatly sözlerinden ugur alnyp, üçünji müňýyllykda nanotehnologiýalar we tehnologiýalar merkezleri, nou-haular hem-de sanly tehnologiýalar adamzadyň durmuşynda giňden orun alýar we munuň özi jemgyýetiň, biziň her birimiziň, ýurdumyzyň we şäherlerimiziň aň-bilim, tehnologik taýdan has-da kämilleşmegine, beýik ösüşleriň çaltlandyrylmagyna oňaýly täsirini ýetirýär. Netijede, häzirki zamanyň öňdebaryjy tehnologiýalaryndan habarly bagtyýar nesil kemala gelýär. Sanlylaşdyrmak – milli ykdysadyýetimiz üçin hil taýdan täze



döwür bolup, durmuş-ykdysady ösüş babatda takyk, çuňňur oýlanyşykly we ylmy taýdan esaslandyrylýan strategiýa esasynda durmuşa ornaşdyrylýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan beýik işleri hormatly Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilip, bu ugurda yzygiderli maksatnamalaýyn işler amala aşyrylýar. Degişli ugurda kadalaşdyryjy-hukuk binýady kämilleşdirilýär.

Ýurdumyzda sanly ykdysadyýete geçmek bilen bagly durmuşa geçirilýän özgertmeleriň milli ykdysadyýetimiziň mundan beýläk-de durnukly ösmegine we Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň has-da artmagyna gönükdirilendigine doly güwä geçýär. «Türkmenistanda 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda sanly ulgamyň yzygiderli ornaşdyrylmagy ähli ugurlarda ykdysady ösüşi we ýokary öndürijiligi gazanmaga, jemi içerki önüm düzüminde maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalarynyň paýyny artdyrmaga, döwlet dolandyryşynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, önümçilik-ykdysady işleri awtomatlaşdyrmaga, ýokary tehnologiýaly pudaklarda täze iş orunlaryny döretmäge, şeýle hem halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Serdarymyzyň il-ýurt bähbitli, adamzat ähmiýetli döwletli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin.

**Aýgül ÝAZLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# Dünýä türkmenleri bir suprada jem boldy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzda il-ýurt bähbitli, halkara ähmiýetli köpugurly işler durmuşa geçirilýär.

Milli medeni mirasymyzy dünýä ýaýmak, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda sünnäläp döreden gymmatlyklaryny ýaşlaryň arasynda wagyz etmek, bagtyýar nesillerimizi milli ruhda terbiýelemek babatda netijeli işler alnyp barylýar.

Tutuş dünýäde ýurdumyzda alnyp barylýan işleri giňden wagyz etmek, şeýle hem daşary ýurtlarda ýaşaýan türkmen ildeşlerimiziň arasynda gatnaşyklary berkitmek maksady bilen Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşigi iňňän uly işleri durmuşa geçirýär.

Her ýyl Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda paýtagtymyz Aşgabatda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň maslahaty geçirilýär. 1991-nji ýylyň maý aýynda döredilen Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň işi Garaşsyz Watanymyzyň täze taryhy bilen berk baglanyşyklydyr.



Şu ýyl ýurdumyzyň baş baýramy bolan Garaşsyzlyk gününiň öňüsyrasynda paýtagtymyzyň «Mekan» köşgünde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXIV maslahaty geçirildi.

Foruma Russiýa Federasiýasynda, Eýran Yslam Respublikasynda, Birleşen Arap Emirliklerinde, Germaniýa Federatiw Respublikasynda, Türkiýe Respublikasynda, Saud Arabystany Patyşalygynda, Gazagystan Respublikasynda, Täjigistan Respublikasynda, Owganystanda we beýleki ýurtlarda ýaşaýan türkmenleriň wekilleri, Watanymyzyň dürli künjeklerinden gelen ildeşlerimiz gatnaşdylar.

Daşary ýurtlarda kowçum bolup ýaşaýan türkmenleriň wekilleri bilen medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Daşary ýurtly watandaşlarymyz bilen alnyp barylýan gatnaşyklaryň mazmuny we ugurlary ýyl-ýyldan artdyrylýar. Ylym, bilim, medeniýet, sungat, neşirýat işi, saglygy goraýyş, syýahatçylyk, sport, telekeçilik ýaly ugurlardaky gatnaşyklar işjeňleşdirilýär.

Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti, Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, milli Garaşsyzlygymyz bütin dünýäniň türkmenlerini bir bitewi ynsanperwer gurama jemlemäge, Ýer ýüzüniň ençeme ýurdunda ýaşaýan watandaşlarymyzyň wekillerini uly hem döwletli maslahata ýygnamaga mümkinçilik berdi.

Häzirki wagtda daşary ýurtlaryň ençemesinde Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň bölümleri hereket edýär. Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň daşary ýurtlardaky bölümlerinde türkmeniň milli baýramçylyklaryny, Türkmenistanyň teklibi esasynda ykrar edilen halkara derejesindäki şanly seneleri giňden bellemek, olara bagyşlap, dürli çäreleri guramak ýola goýuldy. Bu bölümleriň agzalary Watanymyz bilen ýakyn aragatnaşyk saklap, Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistanda alnyp barylýan ägirt uly özgertmeleri, türkmeniň milli medeniýetini we däp-dessurlaryny öz ýaşaýan ýerlerinde wagyz edýärler. Şeýle hem ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary daşary ýurtlarda ýaşaýan türkmenler bilen iş alyp barýarlar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda dünýä türkmenleriniň wekillerinden hem Türkmenistanyň «Hormatly il ýaşulusy» diýen belent ada, döwlet sylaglaryna mynasyp bolanlar ýa-da Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijileri bolanlar, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň «Ynsanperwerligiň sarpasy» atly nyşany bilen sylaglananlar örän köpdür.

Şu maslahatda hem DTYB-nyň has tapawutlanan agzalary, şol sanda daşary ýurtlarda kowçum bolup ýaşaýan türkmenleriň wekilleri «Ynsanperwerligiň sarpasy» nyşany bilen sylaglanyldy.

Umuman, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ata-babalarymyzdan dowam edip gelýän asylly ýörelgelere eýerilip, dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaşaýan türkmen doganlarymyz bilen gatnaşyklary has-da pugtalandyrmak babatda uly işler alnyp barylýar.

**Jeren ŞAGULYÝEWA,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mugallymy.*

## DÜNÝÄ HABARLARY
gysga setirlerde



**14 ýyllap abatlaýyş işleri geçiriler.** Germaniýanyň meşhur Pergam muzeýi abatlaýyş işleriniň geçirilmegi bilen baglylykda, 14 ýyllap ýapylar. Abatlaýyş işlerine 1 milliard ýewro goýberiler. ÝUNESKO-nyň mirasy hasaplanýan bu muzeýe her günde bir milliondan gowrak adam gelýär. Muzeýde Yslam sungatynyň hem antik toplumy saklanýar.

**Hemra uçurmagy meýilleşdirýär.** Eýran 2025-nji ýyla çenli ýurduň günorta-gündogaryndaky täze Çabahar kosmodromyndan gün-sinhron orbitasyna hemra ibermegi meýilleşdirýär. Muny Eýranyň kosmos gullugynyň resmi wekili Hoseýn Dalirian mälim etdi. Şeýle-de, bu ýeriň apparatlary uçurmak üçin merkez bolup biljekdigi bellenilýär.



**Piller biri-biriniň adyny tutýar.** ABŞ-nyň Kolorado ştatynyň uniwersitetiniň alymlary afrikan pilleriniň biri-birini «atlaryny tutup» çagyrýandyklaryny anykladylar. Mundan öň atlary diňe adamlar ulanyp bilýär diýlip hasaplanýardy. Barlaglar pilleriň seslerinde haýsydyr bir anyk haýwana ýüzlenmek üçin ulanylýan aýratyn sesleriň bardygyny görkezdi.



**Energiýa öndürmekde rekord.** Dünýäniň iň uly ýel generatory energiýa öndürmek boýunça rekordy täzeledi. Hytaýyň Fuszýan ülkesinde deňziň içindäki bu turbina harasat wagtynda bir gije-gündizde 384,1 megawatt-sagat elektrik toguny öndürdi. Bu, takmynan, 170 müň öýi elektrik energiýasy bilen üpjün etmek üçin ýeterlikdir.



**«Peugeot»-yň täze krossoweri.** «Peugeot» kompaniýasy «3008» krossoweriniň ikinji nesliniň ilkinjisinden ýedi ýyl soň, onuň täze nusgasyny hödürledi. «E-3008» atly täze ulag elektrik hereketlendirijileri bilen enjamlaşdyryldy» diýip, fransuz kompaniýasynyň metbugat gullugy habar berdi.



**Balyklar kiçelip ugrady.** Howanyň üýtgemegi ýabany haýwanlaryň we ösümlikleriň ösüşine täsir edýär. Bu aýratyn hem deňiz balyklarynda has güýçli ýüze çykýar. Soňky döwürde olar görnetin kiçelip, ýoňsuz «horlandylar». Bu barada Şotlandiýanyň Sent-Endrýus uniwersitetiniň alymlary belleýärler.



**Äpet kömelek tapyldy.** Koreýa Respublikasynda ýaşaýan So Ki Sok atly daýhan ot orýan wagty adaty bolmadyk kömelege duş geldi. Ol ilki haýsydyr bir guşuň ýumurtgasynyň üstünden barandyryn öýdüpdir, ýöne tiz wagtdan onuň diametri 50 santimetre, agramy 4 kilograma barabar şampinýon maşgalasyndan bolan ullakan kömelekdigi belli bolupdyr.



**Ýaşyl sütükli pişik.** Belarusuň Grodno şäheriniň ýaşaýjysy özüne üýtgeşik reňkli pişik edindi. Pişigiň sütükleriniň käbir ýerinde bu jandara mahsus bolmadyk ýaşyl reňk göze ilýär. Pişigiň eýesi ony weterinar lukmana görkezende, oňa haýwanyň sütükleriniň tebigydygyny aýdypdyr.



**ÝUNESKO-nyň sanawyna girizildi.** ÝUNESKO Kazan uniwersitetiniň obserwatoriýasyny Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizdi. Ady tutulan obserwatoriýa 1814-nji ýylda Kazan uniwersitetiniň astronomiýa kafedrasynyň ýanynda esaslandyryldy.



**Iň uzyn saçyň eýesi.** Hindistanly ýetginjek dünýäde iň uzyn saçly oglan hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. On bäş ýaşly Sidakdip Çahalyň saçy ýetginjekleriň arasynda iň uzyn bolmagynda galýar, onuň saçynyň uzynlygy 120 santimetre ýetýär. Çahal gündelik durmuşda saçyny ýygnap, ýurtda däp bolan sellede gizleýär.

# ÖZARA HYZMATDAŞLYK BERKIDILER

**Nýu-Ýorkda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji mejlisiniň geçirilýän döwründe Merkezi Aziýa-ABŞ görnüşindäki ilkinji sammit guraldy. Sammitden soň Ak tamyň metbugat gullugy Merkezi Aziýanyň we ABŞ-nyň ýolbaşçylarynyň bilelikdäki beýanatyny çap etdi. «Merkezi Aziýa ýurtlary we ABŞ hyzmatdaşlygy çaltlandyrmagy maksat edinip, yzygiderli gepleşikler arkaly hyzmatdaşlygy, sebit howpsuzlygyny we durnukly ösüşi berkitmäge tagalla edýär» diýlip, Nýu-Ýorkda geçirilen ilkinji Merkezi Aziýa-ABŞ (C5+1) sammitinden soň ýaýradylan bilelikdäki beýanatda bellenilýär.**



Bu sammitiň dowamynda kabul edilen borçnamalar has durnukly, howpsuz we gülläp ösýän Merkezi Aziýanyň umumy garaýşyna esaslanýar. «Biz bilelikde global meselelere sebitleýin çözgütleri tapmagy maksat edinýäris. Bilelikde Merkezi Aziýada howpsuzlygy berkidýän, ykdysady durnuklylygy ýokarlandyrýan, durnukly ösüşi goldaýan, howanyň üýtgemegine garşy göreşýän we parahatçylygy ösdürýän çärelere ygrarlydygymyzy tassyklaýarys» diýlip, resminamada bellenilýär.

Howpsuzlyk babatdaky hyzmatdaşlyk – munuň özi umumy sebitleýin howpsuzlyk meselelerini çözmek we Merkezi Aziýa döwletleriniň özygtyýarlylygyny we garaşsyzlygyny goramak üçin düýp esas bolup durýar. Taraplar goranmak, hukuk meselelerinde we terrorçylyga garşy göreşde hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga tagalla edýändiklerini tassykladylar. Prezidentler ABŞ-nyň hususy pudaklarynyň Merkezi Aziýada söwda we maýa goýumlary üçin has amatly işewür gurşawy döretmek ugrundaky tagallalary öňe sürmäge taýýardyklaryny aýtdylar.

Taraplar alternatiw söwda ýollaryny giňeltmek we ABŞ bilen Merkezi Aziýanyň kärhanalarynyň arasynda täze aragatnaşyklary ýola goýmak üçin möhüm ädimler ätmekçi. «Merkezi Aziýa ýurtlary ozalky ýaly energiýa eksport ugurlaryny diwersifikasiýa etmek, giňeltmek we dünýä bazarlaryny ygtybarly üpjün etmek maksady bilen sebitiň täze energiýa ulgamlaryny birleşdirmäge ygrarlydyr» diýlip, resminamada bellenilýär.

Merkezi Aziýanyň mineral baýlyklaryny has-da özleşdirmek üçin taraplar möhüm mineral baýlyklary barada C5+1 gepleşigini ýola goýarlar. Şeýlelik bilen, taraplar gazylyp alynýan magdanlar boýunça meseleler we mümkinçilikler barada maglumatlary paýlaşyp, döwlet we hususy pudaklaryň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrarlar, maýa goýumlary höweslendirerler we möhüm mineral üpjünçilik zynjyrlarynda hyzmatdaşlyk ederler.

## MÜSÜRDE PREZIDENT SAÝLAWLARY

Şu ýylyň 10-12-nji dekabry aralygynda Müsürde Prezident saýlawlary geçiriler. Bu barada ýurduň Milli saýlaw toparynyň başlygy Walid Hamza habar berdi.

– Müsürde geçiriljek Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyry 10-12-nji dekabrda, şeýle-de ýurduň çäklerinden daşardaky ses berişlik 1-3-nji dekabr aralygynda geçiriler – diýip, Walid Hamza metbugat ýygnagynda aýtdy.

Ol Prezident saýlawlaryna dalaşgärleri hödürlemek boýunça işleriň 5-nji oktýabrda başlanjakdygyny mälim etdi.

– Dalaşgärleriň gutarnykly sanawy 9-njy noýabrda yglan edilip, şol gün saýlaw kampaniýasy başlanar – diýip, Hamza belledi.

Bir aý mundan öň, Müsüriň parlamentindäki iň uly partiýa «Mustakbal Watan» (Watanyň Garaşsyzlygy) ýurduň häzirki Prezidenti Abdel Fattah Al-Sisini täze möhlete hödürlemegiň tarapdarydygyny mälim etdi.

Al-Sisi 2014-nji ýyldaky saýlawlarda ýeňiş gazanaly bäri Müsüriň Prezidentidir. Ol dört ýyldan soň ikinji möhlete saýlandy. 2019-njy ýylyň aprelinde Müsürde sala salşyk geçirilip, netijede, Al-Sisi täze möhlete dalaş etmäge hukuk gazandy



hem-de Prezidentiň möhletini dört ýyldan alty ýyla çenli uzaltmak üçin Konstitusiýa düzedişler girizildi.

Müsüriň Konstitusiýasyna laýyklykda, saýlaw kampaniýasy Prezidentiň ygtyýarlygynyň gutarmagyna, azyndan, 120 gün galanda başlamaly. Al-Sisiniň ikinji möhleti resmi taýdan 2024-nji ýylyň 2-nji aprelinde tamamlanýar.

## PAKISTANDA ÄHLUMUMY SAÝLAWLAR GEÇIRILER

Pakistanda ähliumumy saýlawlar 2024-nji ýylyň ýanwar aýynyň soňky hepdesinde geçiriler. Bu barada ýurduň saýlaw topary (ECP) 21-nji sentýabrda habar berdi. Maglumatlara görä, ok-



ruglary kesgitlemek boýunça soňky sanawlar bu ugurda bolup biljek garşylyklar we teklipler gözden geçirilenden soň 30-njy noýabrda çap ediler.

«Dawn» gazetiniň belleýşi ýaly, saýlaw topary, 2023-nji ýyldaky soňky sanly ilat ýazuwy baradaky beýanatyndan soň, saýlaw okruglarynyň täzeden bölünmeginiň zerurdygyna salgylanyp, şu ýyl ähliumumy saýlawlary geçirmegi makul bilmändi. Milli mejlis (parlamentiň aşaky palatasy) işden çekilmekçi bolýan Premýer-ministr Şahbaz Şerifiň ýurduň Prezidenti Arif Alwä iberen habarnamasy tassyklanandan soň 9-njy awgustda ýatyryldy. Wezipesinden çekilýän Ministrler Kabinetiň agzalarynyň ýerine bolsa, täzesi döredilmeli. 12-nji awgustda senator Anwar-ul-Hak Kakar Pakistanyň Premýer-ministri wezipesini wagtlaýyn ýerine ýetiriji wezipesine bellendi. Ony bellemek karary Şerif bilen syýasatçy Raja Riazyň arasynda geçirilen maslahatlardan soň kabul edildi. Mejlisiň aşaky palatasynyň bäş ýyllyk möhleti 12-nji awgustda tamamlanmalydy. Pakistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, ähliumumy saýlawlar aşaky palata ýatyrylandan soň 60 günüň dowamynda, möhletinden öň ýatyrylan halatynda bolsa 90 günüň dowamynda geçirilýär.

## Russiýa gaz önümçiligini artdyrmakçy

Russiýa 2023-nji ýylda 527 million tonna nebit öndürmegi meýilleşdirýär, tebigy gaz önümçiliginiň 642 milliard kubmetr bolmagyna garaşylýar. Bu barada Russiýanyň Premýer-ministriniň orunbasary Aleksandr Nowak Senagat we energetika forumynyň umumy mejlisinde habar berdi. A.Nowagyň pikiriçe, geçen ýyl Russiýa 535 million tonna nebit öndürdi, bu 2021-nji ýyldakydan 2% köp.

– Bu ýyl birneme az garaşýarys, bu hem biziň OPEK+ bilen özara gatnaşygymyz bilen baglanyşykly bolup, 527 million tonna deň bolar – diýip, Premýer-ministriň orunbasary 2023-nji ýylda nebit üpjünçiliginiň ugrukdyrylmagynyň Aziýa-Ýuwaş umman ýurtlaryna dowam etjekdigini aýtdy. A.Nowak 2023-nji ýylyň başyndan bäri eýýäm 410 milliard kubmetr gaz öndürilendigini belläp:

– Ýylyň ahyryna çenli 642 milliard kubmetr gaz öndürmegi meýilleşdirýäris – diýdi.

Ol häzirki wagtda Russiýada ýangyç ýetmezçiliginiň ýokdugyny, bazary doldurmak bilen baglanyşykly ähli meseleleriň ozal çözülendigini aýtdy. Onuň sözlerine görä, ýangyç bahalarynyň ýokarlanmagy dünýä bazarlarynda nebit önümleriniň bahasynyň ýokarlanmagy, şeýle hem rublyň dollara bolan hümmetiniň peselmegi sebäpli bolup geçdi.



TNF Senagat we energetika forumy (ozalky Týumen nebit we gaz forumy) energiýa pudagynda bilelikdäki çözgütleri tapmak we durmuşa geçirmek üçin üpjün edijileri we müşderileri birleşdirýän Russiýanyň esasy senagat platformasydyr. Golaýda Týumen şäherinde geçirilen forumyň işine 10 müňden gowrak myhman gatnaşdy.

## NEBITE BOLAN ISLEG ARTAR

Nebiti eksport ediji ýurtlaryň guramasy (OPEK) global ykdysadyýetiň durnukly ösüşi netijesinde 2023-nji we 2024-nji ýyllarda dünýäde nebite bolan islegiň ýokarlanjakdygyny çaklaýar. OPEK sentýabr aýyndaky aýlyk hasabatynda, 2023-nji ýylda dünýädäki nebite bolan islegiň her gün 2,44 million barrele, indiki ýyl bolsa 2,25 million barrele çenli ýokarlanmagyna garaşylýandygyny habar berdi.

Bu şu ýylky ýyllyk ösüşiň 2,45%, 2024-nji ýylda bolsa 2,2% boljakdygyny aňladýar. Geçen aý bilen deňeşdirilende çaklamalar üýtgemedi.

Gurama şu ýyl global nebit isleginiň her gün 102,1 million barrele ýetmegine garaşylyp, COVID-19 döwründäki derejeden ýokary boljakdygyny tassyklady.

«Ýokary inflýasiýa, geosyýasy dartgynlylyk ýaly köp sanly kynçylyklara garamazdan, global ykdysady ösüşiň, esasan hem, syýahatçylyk, awiaýükdaşama we ýollardaky ygtybarly hereketiň dikeldilmegi bilen nebite bolan isleg ýokarlanar» diýip, OPEK-iň wekilleri aýtdylar.

«2024-nji ýylda Hytaýdaky ýagdaýlaryň



yzygiderli gowulanmagynyň yzysüre, durnukly global ykdysady ösüş nebitiň sarp edilişiniň hasam ýokarlanmagyna getirer» diýip, guramada bellediler.

Sentýabr hasabatynda OPEK global öňki çaklamalaryny (2023-nji ýylda 2,7%, 2024-nji ýylda 2,6%) üýtgetmändir.

## Dubaýda COP28 sammiti guralar

COP28 howa sammiti BAE-ni has-da ýaşyllaşdyrar, Abu-Dabi hökümeti maslahata gatnaşýanlaryň her biri üçin 10 sany mangrow agajy ekmegi wada berdi. Dubaýda 30-njy noýabrdan 12-nji dekabr aralygynda geçiriljek




çärä 70 müňden gowrak adamyň gatnaşmagyna garaşylýar. Şeýlelik bilen, howanyň üýtgemegine bagyşlanan bu maslahat BAE-ni 700 müň mangrow agajy bilen ýaşyllaşdyrar.

Bu maksatnama Abu-Dabiniň daşky gurşaw gullugy (EAD) tarapyndan durmuşa geçiriler. Mangrow agajy innowasiýa usullar, mysal üçin, uçarmansyz howa ulaglarynyň kömegi arkaly ekiler. Ekiş 2023-nji ýylyň soňky çärýeginde bolar, bu mangrow agaçlaryny oturtmak üçin iň amatly möwsümdir. Niýetlenen ýerlere Marawah deňiz goraghanasy, Al-Mirfa şäheri we ýerli mangrow tokaýlary ösýän Jubaýl adasy girýär.

EAD-yň Baş sekretary Şaýha Salem Al-Daheri BAE-niň 2030-njy ýyla çenli 100 million mangrow agajyny ekmek baradaky baş maksadyny goldaýandygyny aýtdy.

Mangrow tokaýlary, dünýädäki iň möhüm kenarýaka ekoulgamlarynyň biridir, sebäbi olar howanyň üýtgemeginiň ýaramaz täsirlerini azaltmaga, ýyladyşhana gazlaryny özüne siňdirmäge, ýardam berip, kömürturşy gazyny saklamaga ukyplydyr. Mundan başga-da, bu agaçlar merjen riflerini goramakda, suwuň hilini ýokarlandyrmakda, eroziýanyň öňüni almakda we ekosyýahatçylary çekmekde möhüm rol oýnaýarlar.

## «ÝÜZÝÄN» METJIT GURLAR





Dubaýda dünýäde ilkinji «ýüzýän» metjit gurlar. Bu barada BAE-niň Yslam we haýyr-sahawat işleri ministrligi habar berdi. Dubaýyň suw kanalynda durmuşa geçiriljek taslamanyň bahasy 55 million dirhem (15 million dollar) bolar. Täze taslamanyň maksady syýahatçylyk pudagyny ösdürmek bolup, netijede emirlik ýurda has köp syýahatçy çekmegi meýilleşdirýär. Metjidiň binasynda üç gat bolup, olaryň biri suwuň aşagynda ýerleşer. Metjide bir wagtyň özünde 75 adam sygar. Ýokardaky iki gat yslam leksiýalaryna we seminarlaryna bagyşlanar. Şol bir wagtyň özünde, metjidiň ähli dinleriň wekilleri üçin açyk boljakdygy bellenilýär.

Mundan başga-da, dünýäde ilkinji gezek Dubaýda 3D printerinde metjit gurlar. Desganyň meýdany 2 müň inedördül metr bolup, oňa 600 adam ýerleşer. Gurluşyga Bar-Dubaý etrabynda geljek aý başlanyp, 2025-nji ýylda tamamlanmagy meýilleşdirilýär. Onuň gurluşygynda üç işçi robot printeri işlediler. Robot printer çig maldan we beton garyndysyndan her sagatda iki inedördül metr diwary galdyrmaga ukyplydyr.

2016-njy ýylda Dubaýyň «Sustainable City» etrabynda dünýäde ilkinji ekologiýa taýdan arassa metjit ulanmaga berildi. 700 orunlyk metjit 10 müň inedördül metr meýdany eýeleýär. Binanyň gurluşygynda Dubaýyň «ýaşyl» strategiýasyna laýyklykda, daşky gurşawa ýaramaz täsiri azaltmak maksady bilen innowasion tehnologiýalar ornaşdyryldy. Metjidiň duralgasy Gün panelleri bilen enjamlaşdyrylandyr.

## TARYHDA ŞU GÜN

1907-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Sankt-Peterburgda tramwaý hyzmatynyň açylyşy boldy. Taslamanyň awtory, inžener Geinrih Graftio ilkinji bolup, şäheriň içinde tramwaý sürdi. 1908-nji ýylda paýtagtda eýýäm 9 sany tramwaý ýoly işe girizildi. Sankt-Peterburgyň ilkinji tramwaý wagonlary iňlis kompaniýasy «Bresh» tarapyndan öndürildi.



## Aeroportlaryň sanyny 500-e ýetirer

**Hytaýyň awiasiýa senagaty assosiasiýasy (AVIC) 2025-nji ýyla çenli ýurtda ýöriteleşdirilen raýat awiasiýa howa menzilleriniň umumy sanynyň 500-e ýetjekdigini habar berýär.**

**AVIC edarasynyň resmi wekili Sao Heniň Týanszinde guralan 6-njy dikuçar sergisinde habar berşi ýaly, Hytaý bu maksada ýetmek üçin tagalla eder, netijede ýurduň uýezdleriniň 2800-siniň öz howa menzili bolar.**

**Hytaýyň materik böleginde 2022-nji ýylyň ahyrynda umumy maksatly howa menzilleriniň 399-sy işläp, olaryň sany 2021-nji ýyl bilen deňeşdirilende 29 birlik köpdür.**



## Ogaýoda aerotaksi öndüriler

**Bir wagtlar doganlar Raýtlaryň ilkinji dikuçary işläp düzen Ogaýo derýasynyň jülgesinde ýakyn wagtda iň täze elektrotaksiler öndüriler. Ogaýo ştatynyň häkimiýeti bilen Kaliforniýanyň «Joby Aviation» kompaniýasynyň arasynda baglaşylan şertnama laýyklykda, 2025-nji ýyla çenli Deýton halkara howa menziliniň golaýyndaky 56 gektar meýdanda aerotaksi öndürmek maksady bilen desganyň gurulmagy göz öňünde tutulýar.**

**Futuristik uçýan enjamlar (eVTOL) köp adamly şäherlerde alternatiw ulag serişdesi hökmünde dünýä bazarlaryna çykarylar. Ogaýodaky «Joby Aviation» zawody ýylda 500-e golaý sessiz uçar öndürer we 2 müňe golaý iş ýerini döretmäge mümkinçilik berer. Ogaýo**



**ştatynyň häkimiýetleri, «JobsOhio» ykdysady ösüş boýunça korporasiýasy we ýerli maýadarlar bu taslama goldaw bermek maksady bilen, takmynan, 325 million dollar bölüp berdiler.**







# DURNA TANSY

**Jemgyýetde adamlaryň öz arasynda aragatnaşyk saklaýşy ýaly, janly-jandarlar hem biri-biri bilen aragatnaşyk saklamak üçin dürli usullary ulanýarlar. Olar köplenç sesli habarlaşýarlar. Geçirilen barlaglarda janly-jandarlaryň seslerden başga-da içki duýgusyny beýan etmek üçin dürli hereketleri ýerine ýetirýändigi ýüze çykaryldy. Mysal üçin, atlaryň kişňäp çarpaýa galmagy, itleriň guýrugyny bulaýlamagy, horazyň ganat kakmagy...**

**Tebigatda biri-biri bilen aragatnaşyk saklamakda özboluşly hereketleri ýerine ýetirýän jandarlaryň biri hem durnalar hasaplanýar. Guşlaryň bu görnüşi özleriniň içki duýgusyny tans etmek arkaly beýan edýärler. Eýsem, durnalar nirede ýaşaýar? Olaryň näçeräk görnüşi barka?**

Durnalar Antarktidadan we Günorta Amerikadan başga dünýäniň ähli ýerinde ýaşaýarlar. Uzyn aýakly, uzyn boýunly bu guşlaryň 15 görnüşi bar. Durnalar beýleki guşlardan boýunyň uzyn bolmagy bilen tapawutlanyp, olaryň käbiriniň boýy 2 metre ýetýär. Daşky görnüşinden geronlara we egretlere meňzeýän durnalar adatça goňur, çal ýa-da ak reňkli bolýarlar. Afrikada durnalaryň täçli, gyzyl petekeli iň owadan görnüşi hem duş gelýär. Esasan, batgalykda, suw kenarlarynda ýaşaýan bu guşlar ösümlikleriň tohumy, ownuk jandarlar we miweler bilen iýmitlenýär. Durnalaryň gurak sebitde ýaşaýan görnüşleri mör-möjekler, süýrenijiler bilen oňňut edýärler. Bu guşlar ot-çöpüň ýa-da gyrymsy agaçlaryň şahalarynda höwürtgeläp, 2 ýumurtga goýýarlar. Durnalar Gimalaý daglarynyň üstünden geçip bilmek mümkinçiligi bolan güýçli uçujylar hasaplanýar. Guşlaryň bu görnüşi 8 müň metr beýiklige galyp bilýärler. Durnalar ortaça, 20-25 ýyl ýaşaýarlar.

## NÄME ÜÇIN TANS EDÝÄRLER?

Durnalar üç sebäbe görä tans edýärler. Olaryň birinjisi jübütini tapmak üçin, ikinjisi baglanyşygy berkitmek üçin, üçünjisi eýeçiligindäki zady goramak üçin. Durna tansy baş egmek, pyrlanmak, bökmek we ganatlaryny ýaýmak ýaly dürli hereketleri öz içine alýar. Şeýle hem olar tans edýän wagty dürli sesleri çykarýarlar. Durnalar käte halkalaýyn aýlanyp hem tans edýärler. Aslynda, tans etmek durnalaryň horazlaryna mahsus bolup, munuň sebäbi mäkiýanlarynyň göwnünden turmak diýip düşündirilýär. Durnalar saýlan jübüti bilen ömürlik ýaşaýarlar.

## DURNA TANSYNYŇ GÖRNÜŞLERI

**Tanyşlyk tansy** durna tansynyň iň köp ýaýran görnüşi bolup, baş egmek, bökmek we ganatlary ýaýmak ýaly hereketleri öz içine alýar. Bu tans iki durnanyň biri-birini ýakyndan tanamagyna mümkinçilik berýär.

**Goranyş tansy** durnalaryň horazlary tarapyndan ýerine ýetirilýär. Bu tans beýleki durnalara özüne degişli däl çäge girmezlik, ýagny duýduryş bermek maksady bilen oýnalýar. Tans kelläni ýokary galdyrmak, ganatlary kakmak we gaty ses çykarmak ýaly hereketleri öz içine alýar.

**Baýramçylyk tansy** topar-topar durnalaryň arasynda ýerine ýetirilýär. Durnalar içki şatlygyny biri-biri bilen paýlaşmak üçin baýramçylyk tansyny oýnaýarlar.

## NÄME ÜÇIN GÜÝZDE TANS EDÝÄRLER?

Durnalaryň tans etmek möwsümi, esasan, güýz paslynda gabat gelýär. Bilermenleriň bellemegine görä durnalar ýaz aýlarynda ýumurtgalap, jüýjelerine ideg edýärler. Bu guşlar tomus paslynyň yssy günlerini suw kenarlarynda, tokaýlarda geçirýärler. Durnalar güýz paslynyň gelmegi bilen, ýagny howanyň salkynlaýan möwsümi bir ýere jemlenýärler. Bu guşlar güýz paslyny köpçülikleýin geçirip, baýramçylyk tanslaryny ýerine ýetirýärler. Durnalaryň baýramçylyk tanslary güýz paslynyň gelmegine, gyşlamak üçin yssy ýurtlara uçup gitmäge bagyşlanýar.

# SAGLYK ÜÇIN 10 MÜŇ ÄDIM



**Ýöremegiň adam saglygyna peýdalydygyny hemmämiz bilýän bolsak gerek. Ýöremek artykmaç agramdan dynmaga, beýniniň işjeňligini artdyrmaga hem-de ýürek-damar bilen bagly keselleriň öňüni almaga ýardam edýär. Soňky ýyllarda smartfonlarda we goşar sagatlarynda ýörän ädimiňi, pyýada geçen ýoluňy ölçeýän programmalar peýda bolansoň, adamlar muňa has köp üns berip başladylar. Eýsem, saglyk üçin her gün näçe ädim ätmeli?!**

Geçirilen barlaglarda bilermenler her gün 10 müň ädim (7,6 kilometr) ätmegiň saglyk üçin has-da peýdalydygyny belleýärler. Soňky ýyllarda oturymly iş ýörelgesiniň ýaýbaňlanmagy, tehnologiýa enjamlarynyň iş ulgamyna giňden ornaşdyrylmagy bilen hereket hem peselýär. Az hereketlilik saglyk üçin zyýanly bolup, mümkin boldugyça maşk etmäge, yzygiderli ýöremäge endik etmeli. Bilermenler zenanlaryň her gün ortaça, 2700 ädim (2 kilometr), erkekleriň ortaça, 4400 ädim (3,4 kilometr) ýöremelidigini belleýärler.

Her gün 10 müň ädim ätmek ýa-da 30-60 minut ýöremek saglygy berkitmegiň iň gowy tebigy usulydyr.

### ÝÖREMEGIŇ PEÝDASY:

- Myşsalaryň çeýeligini artdyrýar, çydamlylygy güýçlendirýär.
- Ýürek bilen bagly howplaryň öňüni alýar.
- Süýjüli diabetiň töwekgelçiligini azaltmaga ýardam edýär.
- Düwnük keseliniň döremek howpuny azaldýar.
- Ýatkeşligi berkidýär we beýniniň işjeňligini ýokarlandyrýar.
- Dartgynlylygy we aladalary azaltmaga ýardam edýär.

Ortaça tizlik bilen ýörelende 10 müň ädim ätmek üçin 100 minut gerek. Çalt ýörelende 10 müň ädimi 77 minutda geçip bolýar. 10 müň ädim ädilende 500 kaloriýa sarp edilýär. Yzygiderli ýörelende birnäçe günüň dowamynda bedeniň fiziki işjeňligi şoňa uýgunlaşýar. Ilkibaşda haýal ýöremek bilen bedeni uýgunlaşdyryp, 1 hepdeden soňra ortaça tizlikde ýöremek arkaly bedeniň güýjüni artdyryp bilersiňiz. Şeýle hem ýöreýän wagtyňyz depä çykmak, elde agram daşlaryny götermek, tizligi ýokarlandyrmak ýaly usullary goşup bilersiňiz.

### GÜNDELIK ENDIKLERE ÝÖREMEK BILEN BAGLY ŞU USULLARY GOŞUP BOLAR:

- Iş ýerine, edara binasyna ýa-da söwda merkezlerine baranyňyzda liftden däl-de, basgançaklardan peýdalanmak arkaly.
- Işleýän ýeriňize ýa-da öýüňize iň bolmanda bir duralga galanda awtobusdan düşmek arkaly.
- Çagaňyz ýa-da agtygyňyz bilen daşarda gezelenç etmek arkaly.
- Bar bolsa, itiňizi idetmek arkaly.

### ÝÖRELENDE ÜNS BERMELI ZATLAR:

- Kelläni göni tutup, ýere seretmän ýöremeli.
- Garyn myşsalarynyň gysylmazlygy we oňurga süňkleriniň gyşarmazlygy üçin öňe ýa-da yza egilmän, dik ýagdaýda ýöremeli.
- Eli öňe-yza hereket etdirip ýöremeli. Eliň hereketi ýürek üçin peýdalydyr.
- Ýörelende mümkin boldugyça giň egin-eşikleri we ýumşak dabanly sport aýakgaplaryny geýmeli.

***

Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň maglumatlarynda adamlaryň has işjeňleşmegi esasynda birnäçe keselleriň öňüni alyp boljakdygy bellenilýär. Ýaşyna garamazdan adamlaryň ählisi işjeň ýagdaýda bolmaly. Uly ýaşlylar üçin hepdede azyndan 150-300 minut orta we dinamiki maşklary ýerine ýetirmek maslahat berilýär. Çagalar üçin hepdede azyndan 60 minut maşk etmek gerek. Uzak ýaşamak üçin her gün azyndan 7 müň ädim ätmeli.

## ÇAGALAR

✓ Samokatyň ilkinji nusgasy tagtanyň her ujuna tigirçek oturdylyp, oňa tutawaçly direg berkitmek arkaly ýasalypdyr.

# BEÝNINI NÄDIP GÜÝÇLENDIRMELI?



**Okamak, täze zatlary öwrenmek we dünýäni bilesigelijilik bilen synlamak beýniniň ösüşi üçin möhümdir. Akyl taýdan kämilleşmek we aňy ösdürmek üçin kitaplary, çeper eserleri köp okamaly. Dünýäniň beýleki ýurtlaryna gaýybana syýahat etmeli. Olaryň medeniýeti, däp-dessurlary bilen tanyşmaly. Daşary ýurt dillerini öwrenmek hem beýnini güýçlendirmekde iň gowy usullaryň biridir. Mähriban çagalar, gazetimiziň şu sanynda beýniniň işjeňligini artdyrmak we aňy ösdürmek bilen baglanyşykly gyzykly maglumatlary size ýetirýäris.**



**Oýunlar bilen meşgullanmak.** Oýun beýniniň ösüşini çaltlandyrýar. Pikirlenmek ukybyny ösdürýär. Esasan hem, akyl we pikirlenmegi talap edýän oýunlar has peýdalydyr. Muňa mysal edip, tapmaçalary, şaşka, küşt oýunlaryny, logiki yzygiderliligi talap edýän şekilli oýunlary, zehin soraglaryny görkezmek bolar. Hünärmenler oýun bilen meşgullanmagyň wagtyny her gün 15 minutdan 30 minuta çenli aralyk diýip belleýärler. Birnäçe sagatlap dürli oýunlara güýmenmegiň ýadatmagy mümkin. Şeýle hem kompýuterde ýa-da öýjükli telefonda oýnalýan oýunlary däl-de, hakyky oýunlary oýnamagyň has ähmiýetlidigi bellenilýär.



**Pikirlenmek.** Her gün bary-ýogy 10 minut asuda ýagdaýda pikirlenmek üçin wagtyňyzy sarp ediň! Pikirlenmek üçin iň gowy wagt ýatmazdan öň hasaplanýar. Pikirlenmek şu günki eden işleriňizi birme-bir aňyňyzdan geçirmekdir. Şeýle ýagdaýda beýniňiz rahatlanar we aňyňyz arassalanar. Sizde üstünlikleriňize guwanyp, goýberen ýalňyşlyklaryňyzy düzetmek üçin täzeçe pikirler dörär.



**Kadaly iýmitlenmek.** Gün tertibine görä, wagtly-wagtynda iýip-içmeklige üns beriň! Bu saglyk bilen bir hatarda beýniniň ösüşi üçin hem möhümdir. Balyk, hoz, zeýtun ýagy we gök önümler bilen iýmitlenmek beýniniň sagdynlygy üçin hökmanydyr. Şeýle hem her gün azyndan bir-iki miwe iýmeli.



**Maşk.** Ir bilen oýanmagyň kyndygyna garamazdan, wagtynda turmagy endik ediniň! Gün tertibini maşk etmekden başlaň! Maşk etmek myşsalaryň ösüşi üçin peýdaly bolup, bedeniň deňagramlylygyny saklamaga kömek edýär. Beýniniň işjeňligini güýçlendirip, pikiriňi bir ýere jemlemäge, şähdaçyk bolmaga ýardam edýär.



**Täze zatlary öwrenmek.** Mekdepde öwrenilýän bilim beýnidäki maglumatlaryň özenini emele getirýär. Beýnini täze zatlary öwrenmek arkaly yzygiderli kämilleşdirmeli. Kitap okamagy, hünär öwrenmegi, dil öwrenmegi muňa mysal hökmünde görkezip bolar. Mekdepde geçirilýän gurnaklara gatnaşmak arkaly el işlerini, şeýle hem saz çalmak, nahar bişirmek ýaly hünärleri öwrenip bilersiňiz. Täze zatlary öwrenmek beýniniň ösüşi üçin möhüm ädimleriň biridir.

# Samokat – çagalaryň gyzykly güýmenjesi



Çagalar üçin ýylyň-ýylyna gyzykly güýmenjeler oýlanyp tapylýar. Şeýle gyzykly güýmenjeleriň biri bolan samokatyň gyzykly taryhy bar. XIX asyryň ahyrynda Ýewropada çagalaryň aýagyna ýeten şikesiň çalt bitmegi üçin samokatyň ilkinji nusgasy oýlanyp tapylýar. Tagtanyň her ujuna tigirçekler oturdylyp, oňa tutawaçly direg berkidilýär. Aýagulagyň bu ýönekeý görnüşini hemmeler halapdyr. Şeýlelikde, XX asyryň başlaryna häzirki samokatlara meňzeş nusga işlenip düzülýär. Öň diňe göni ýolda sürüp bolýan samokatlar, soňra aýlawly ýodalarda sürmäge mümkinçilik berýän 45 gradus öwrümli tutawaç bilen kämilleşdirilýär. Samokatyň tutawajyny saga, çepe ýa-da özüňe çekmek arkaly aýlawlary ýerine ýetirip bolýar. Şeýle hem öňler sürüp barýan wagtyň saklanmakda kynçylyk ýüze çykan bolsa, soňky ýyllarda arka tarapyndaky tigirçegiň üstünden basýan togtadyjy ornaşdyrylýar. Ilkibaşda çagalara niýetlenilip taýýarlanan samokatlaryň soňlugy bilen ululara niýetlenen görnüşleri peýda bolýar. 1930-njy ýyllarda ulagyň bu görnüşi köpçülikleýin öndürilip, ýangyç tygşytlamak maksady bilen ulanyşa goýberilýär. Ilkibaşda motorly görnüşleriniň meşhur bolandygyna garamazdan, soňra samokatyň aýak bilen herekete getirilýän nusgasy ýörgünli bolýar. Samokatlaryň önümçiligi 1940-1950-nji ýyllarda has-da artýar. 1974-nji ýylda «Patmont Motor Werks» kompaniýasynyň wekili Stiw Patmont elektrik togy bilen ýöreýän «Go-Ped» samokaty oýlap tapýar we patent alýar. Elektrik energiýaly samokatlar iň köp satyn alnan ulag serişdeleriniň biri bolýar. 1998-nji ýylda üç tigirli samokatlar peýda bolýar. 2000-nji ýyllarda samokat önümçiliginde birnäçe bäsdeşler ýüze çykyp, bir million samokat satylýar. Şol ýylda samokat öndürijileriň köpelmegi bilen, bu ulagyň motorly, elektrik energiýaly, dürli reňkli nusgasy işlenip düzülýär.



### SAMOKAT SÜRMEGIŇ PEÝDASY

**Bedeniň deňagramlylygyny sazlaýar.** Samokat bir aýakda dik durup, beýleki aýagyň bilen herekete getirmek arkaly bedeniň çeýeligini artdyrýar.

**Myşsalary ösdürýär.** Samokaty herekete getirmek üçin myşsalar dartgynly ýagdaýlara sezewar bolýar. Bu myşsalaryň taplanmagy üçin uly ähmiýete eýedir.

**Netije çykarmaga kömek edýär.** Samokat sürenińde öwrümden, öňüňdäki päsgelçilikden nädip geçmeli diýen soraglarda ünsüň jemlenýär. Bu ýagdaý pikirlenmek ukybyny ösdürip, çalt netije çykarmaga ýardam edýär.

**Dostlaryň bilen ysnyşdyrýar.** Samokatda ýeke gezelenç edeniňden, köpçülik bolup aýlanmak has gyzykly bolsa gerek. Şeýle ýagdaýda gürrüňler edip, sorag-jogap alyşmak arkaly deň-duşlaryň bilen dostlaşyp, wagtyňy gyzykly we peýdaly geçirip bolýar.

### Şekili reňkläň!



### 7 tapawudy tapyň!




### Sanlary birleşdiriň!



### Labirint



### Gyzykly pursat



## Bir sözlemde...

Tennis boýunça Meksikanyň Guadalahara şäherinde geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Açyk WTA 1000» çempionatda gresiýaly Mariýa Sakkari ýeňiş gazanyp, ol finalda amerikaly Karolaýn Dolehaýdy 7:5, 6:3 hasaplar bilen ýeňdi we karýerasyndaky 2-nji kubogyny asmana göterdi.

Hytaýda geçirilen zenanlaryň arasyndaky «Guançžou Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda hytaýly Wan Siýuý bilen polşaly Magda Linette duşuşyp, ýer eýesi 6:0, 6:2 hasaplar esasynda ýeňşini baýram etdi we ilkinji WTA çempionlygyny gazandy.

Erkekleriň arasynda 6-njy gezek geçirilen «Laver» Kubogy ýaryşynda Dünýäniň ýygyndysy (Tiafou, Frits, Ožie-Aliassime, Şelton, Çerundolo) Ýewropanyň ýygyndysyndan (Ruud, Monfils, Rublew, Fils, Hurkaç) 13:2 hasabynda üstün çykyp, bassyr 2-nji sapar çempionlyk gazandy (Ilkinji 4 ýaryşda ýewropalylar ýeňiji bolupdy).

Tennis boýunça Hytaýyň Çendu şäherinde geçirilen erkekleriň arasyndaky «Açyk» çempionatda germaniýaly Aleksander Zwerew çempion bolup, ol finalda russiýaly Roman Safiullinden 6:7, 7:6, 6:3 hasaplar bilen üstün çykdy we 21-nji kubogyny gazandy.

Hytaýyň Çžuhaýa şäherinde geçirilen erkekleriň arasyndaky Çžuhaýa çempionatynyň finalynda russiýaly Karen Kaçanow bilen ýaponiýaly Ýoşihito Nişioka duşuşyp, olaryň birinjisi 7:6, 6:1 hasaplar bilen ýeňiş gazandy we bu russiýaly tennisçiniň 5-nji kubogy hökmünde hasaba alyndy.

Golf boýunça Ispaniýanyň Malaga şäherinde geçirilen zenanlaryň arasyndaky 18-nji «Solheim» kubogy ýaryşynda ýewropalylar amerikaly golfçular bilen 14:14 deňme-deň oýnady we netijede bijeden soň Ýewropanyň ýygyndysy 8-nji gezek ýeňiş gazanmagy başardy.

# Kubok ýaryşynda ýarym finalyň 1-nji oýunlary geçirildi



**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 14 | 14 | 0 | 0 | 48-12 | 42 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 14 | 10 | 2 | 2 | 37-12 | 32 |
| 3 | «NEBITÇI» | 14 | 8 | 1 | 5 | 23-16 | 25 |
| 4 | «AŞGABAT» | 16 | 6 | 2 | 8 | 25-35 | 20 |
| 5 | «KÖPETDAG» | 14 | 5 | 2 | 7 | 18-29 | 17 |
| 6 | «AHAL» | 14 | 5 | 1 | 8 | 20-22 | 16 |
| 7 | «MERW» | 11 | 3 | 3 | 5 | 12-15 | 12 |
| 8 | «ENERGETIK» | 15 | 4 | 0 | 11 | 12-33 | 12 |
| 9 | «ŞAGADAM» | 16 | 2 | 3 | 11 | 10-27 | 9 |

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynda ýarym finalyň 1-nji duşuşyklary geçirildi.**

«Altyn asyr» bilen «Arkadag» toparlarynyň arasyndaky oýunda myhmanlar 4–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Arkadag» topary soňky minutlarda 3 gol geçirip, uly hasap bilen ýeňiş gazanmagy başardy. Duşuşygyň 18-nji minutynda Abdy Bäşimow myhmanlary öňe saýlady. 76-njy minutda Söhbet Durdyýew hasaby deňledi. Oýnuň 87-nji minutynda Begmyrat Baýow «Arkadag» toparyny 2–1 öňe çykardy. 90+1-nji minutda penaltini dürs uran Didar Durdyýew 90+2-nji minutda ýene bir gol geçirdi. Şunlukda, myhmançylykda 4–1 hasabynda ýeňiş gazanan «Arkadag» topary finala çykmak ugrunda uly mümkinçilige eýe boldy.

Ýarym finalyň beýleki oýnunda-da «Merw» bilen «Ahal» duşuşdy. Duşuşygyň 1-nji ýarymy golsuz tamamlanyp, 2-nji ýarym çekeleşikli ýagdaýda geçdi. Oýnuň 77-nji minutynda Murat Ýakşiýewiň goly bilen öňe saýlanan «Merwiň» derwezesinden deňlik goluny 90+5-nji minutda penaltiden Elman Tagaýew geçirdi. Duşuşygyň 90+3-nji minutynda «Merwden» Muhammet Öwezmyradow gyzyl kart alyp meýdançadan çykaryldy.

Jogap duşuşyklary 20-nji oktýabrda geçiriler.

Şeýle-de, Türkmenistanyň futbol çempionatynda 18-nji tapgyryň çäginde 2 duşuşyk geçirildi. Sanawyň ýeňlişsiz lideri «Arkadag» topary myhmançylykda «Ahal» bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda myhmanlar 3–2 hasabynda ýeňiş gazanyp, gollaryň 5-si hem 1-nji ýarymda hasaba alyndy. «Ahal» topary ilkinji ýarym sagat dolmanka Gurban Annaýewiň (22 p) hem-de Ýazgylyç Gurbanowyň (26) gollary bilen 2–0 öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik «Arkadag» toparynyň oýunçylary 1-nji ýarym tamamlanmanka öňe geçmegi başardylar. 7 minutda 3 gol geçiren sanawyň lideriniň adyndan 38-nji minutda Möwlamberdi Goşjanow (öz derwezesi), 42-nji minutda Didar Durdyýew hem-de 45-nji minutda penaltiden Begmyrat Baýow tapawutlandy.

Paýtagt derbisinde «Aşgabat» topary myhmançylykda «Köpetdagy» 4–1 hasabynda ýeňdi. 75-nji minutda 1 oýunçysy kemelen «Köpetdagyň» derwezesinden gollary Şatlyk Gurbanow (17), Röwşen Begjanow (69), Röwşen Baýlyýew (84) hem-de Hojanazar Gurbanow (90+3) geçirdi. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny 82-nji minutda Şamämmet Hydyrow derweze girizdi.

# Werstappen toparyna çempionlyk gazandyrdy

Formula 1 Dünýä çempionatynyň möwsümdäki 17-nji «Gran Prisi» Ýaponiýanyň Suzuka şäheriniň adybir halkara trassasynda geçirildi. Ýaryşa «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen 1-nji bolup başlady. Ol 5,807 kilometrlik trassada 53 aýlawy 1 sagat 30 minut 58,421 sekuntda tamamlap, şu möwsümdäki 13-nji, karýerasyndaky 48-nji ýeňşini gazandy.

Bu ýeňişden soň «Red Bull» topary bassyr 2-nji, umumylykda-da 6-njy çempionlygyny yglan etdi. «Red Bull» topary şu möwsümde geçirilen ýaryşlarda 623 utuk toplap, 2-nji ýerdäki «Mercedes» toparyndan 305 utuk öňe saýlandy.

Ýaponiýa «Gran Prisinde» 2–3-nji orunlary «McLaren» toparynyň sürü-



jileri eýeläp, britaniýaly Lando Norris ýeňijiden 19,387 sekunt, awstraliýaly Oskar Piastri bolsa 36,494 sekunt yza galdy. «Ferrari» toparynyň sürüjileri Şarl Lekler 4-nji, Karlos Saýns Junior 6-njy, «Mercedes» toparyndan Lýuwis Hamilton 5-nji, Jorj Rassell 7-nji orunlary eýelediler.

Sürüjileriň sanawynda öňdebaryjy Werstappeniň utugy 400-e ýetdi. Barha arany açýan niderland sürüjisi bassyr 3-nji çempionlygyna golaýlap barýar. Möwsümiň tamamlanmagyna 6 ýaryş galanda, ol 2-nji basgançakda barýan topardaşy Serhio Peresden 177 utuk öňe saýlandy. Hamiltonyň 190, Alonsonyň 174, Lekleriň 150 utugy bar.

Möwsümiň indiki ýaryşy 8-nji oktýabrda Kataryň Lusail şäherinde geçiriler.

# Birinjilik ugrunda ýiti göreş

**Moto GP boýunça möwsümiň 13-nji ýaryşy Hindistanyň Noida şäherinde geçirildi. Şäherdäki «Buddh» trassasynda geçirilen ýaryşda «Mooney VR46 Racing» toparynyň italiýaly sürüjisi Marko Bezzekki ýeňiş gazandy. Ol 24 aýlawy 36 minut 59,1570 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň şu möwsümdäki 3-nji ýeňşi boldy. Ýeňijiden 8,649 sekunt yza galan «Prima Pramac» toparynyň ispan sürüjisi Horge Martin 2-nji, 8,855 sekunt az netije görkezen «Monster Energy Yamaha» toparynyň fransuz piloty Fabio Kuartararo 3-nji ýeri eýeledi.**

**Sanawyň lideri, «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjisi Françesko Banaia ýaryşy tamamlap bilmedi.**

**Sprint ýaryşynda Horge Martin 1-nji, Françesko Banaia 2-nji, «Repsol Honda» toparyndan Mark Markes 3-nji orna mynasyp boldy.**



**Hindistan «Gran Prisinden» soň çempionlyk ýaryşy täzeden alawlanyp, Françesko Banaia 292 utuk bilen öňdeligini dowam etdirýär. 2-nji ýerdäki Horge Martiniň 279, 3-nji orundaky Marko Bezzekkiniň 248 utugy bar.**

**Moto GP-de 14-nji ýaryş 1-nji oktýabrda Ýaponiýanyň Motegi şäherinde geçiriler.**




## Hepdäniň esasy duşuşyklary

*29-njy sentýabr:*

Hoffenhaým – Borussiýa D (23:30)
**Barselona – Sewilýa (00:00)**
**Benfika – Porto (00:15)**

*30-njy sentýabr:*

Aston Willa – Braýton (16:30)
Leçç e – Napoli (18:00)
Maýns – Bawariýa (18:30)
M. Ýunaýted – K. Palas (19:00)
Wulwerhempton – Man. Siti (19:00)
Bornmut – Arsenal (19:00)
Klermon – PSŽ (20:00)
**Milan – Lasio (21:00)**
**Tottenham – Liwerpul (21:30)**
**Leipsig – Bawariýa (21:30)**
**Žirona – Real Madrid (21:30)**
Salernitana – Inter (23:45)
Monako – Marsel (00:00)

*1-nji oktýabr:*

Nissa – Brest (18:00)
Fenerbahçe – Rizespor (18:00)
**Atalanta – Ýuwentus (21:00)**
Betis – Walensiýa (21:30)
Roma – Frozinone (23:45)
Atletiko – Kadiz (00:00)

*2-nji oktýabr:*

Fulham – Çelsi (00:00)

# ÝEWROPA HEM-DE KONFERENSIÝA LIGASY

UEFA Ýewropa hem-de Konferensiýa Ligalarynda toparçalardaky 1-nji duşuşyklar geçirildi. Çekeleşikli geçen oýunda «B» toparçada «Aýaks» bilen «Marsel» 3-3 deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdy. «C» toparçada «Reýnjers» öz meýdançasynda «Betisi» 1–0 hasabynda ýeňdi. Bu olaryň ispan klublaryna garşy 38 ýyldan soň gazanan ilkinji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. «E» toparçada «Liwerpul» myhmançylykda LASK toparyny Nunýes, Diaz hem-de Salahyň gollary bilen 3-1 hasabynda utdy. Germaniýanyň «Baýer» topary-da «BK Hakken» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi.





UEFA-nyň täze bäsleşigi Ýewropa Konferensiýa Ligasynda taryhy duşuşykda «E» toparçada Bosniýa we Gersegowinanyň wekili «Zrinski Mostar» kluby öz meýdançasynda Niderlandlaryň AZ topary bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýnuň 1-nji ýarymynda AZ topary Wan Brederode (10), Miýnans (32) hem-de D. De Wit (44) dagynyň gollary bilen 3-0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne 2-nji ýarymda mostarlylar juda erjel oýun görkezip, niderland toparynyň derwezesinden 4 gol girizdi. Ilkinji gezek gatnaşýan «Zrinski Mostar» toparynyň gollaryny Zwonomir Kožul (48, 81), Ýosip Çorluka (68) hem-de Aldin Hrwanowiç (71) geçirdi. Umumylykda Bosniýa we Gersegowinadan bir klub UEFA-nyň ýaryşlarynda ilkinji gezek çykyş edip, olar toparçadaky ilkinji duşuşygynda taryhy ýeňiş gazandylar.

**UEFA Ýewropa Ligasynda toparçalardaky 1-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

**«A»:** «West Ham»—TSS: 3–1, «Olimpiakos»—«Fraýburg»: 2–3; **«B»:** «Aýaks»—«Marsel»: 3–3, «Braýton»—AEK: 2–3; **«C»:** «Sparta Praga»—«Aris Limassol»: 3-2, «Reýnjers»—«Betis»: 1–0; **«D»:** «Atalanta»—«Rakuw Çenstohowy»: 2–0, «Şturm Gras»—«Sporting»: 1–2; **«E»:** LASK—«Liwerpul»: 1-3, «Ýunion Sent-Žillua»—«Tuluza»: 1–1; **«F»:** «Renn»—«Makkabi Haýfa»: 3–0, «Panatinaikos»—«Wilýarreal»: 2–0; **«G»:** «Serwette»—«Slawiýa Praga»: 0–2, «Şerif»—«Roma»: 1–2; **«H»:** «Baýer»—«BK Hakken»: 4–0, «Garabag»—«Molde»: 1–0

**UEFA Ýewropa Konferensiýa Ligasynda toparçalardaky 1-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

**«A»:** «Lill»—«Olimpiýa Lýublýana»: 2–0, «Slowan Bratislawa»—«KI Klakswik»: 2–1; **«B»:** «Makkabi Tel-Awiw»—«Breidablik»: 3–2, «Zorýa Lugansk»—«Gent»: 1–1; **«C»:** «Wiktoriýa Plzen»—«Ballkani»: 1–0, «Dinamo Z»—«Astana»: 5–1; **«D»:** «Lugano»—«Bodo-Glimt»: 0–0, «K. Brýugge»—«Beşiktaş»: 1–1; **«E»:** «Legia Warşawa»—«Aston Willa»: 3–2, «Zrinski Mostar»—AZ: 4–3; **«F»:** «Genk»—«Fiorentina»: 2–2, «Ferenswaroş»—«Çukariçki»: 3–1; **«G»:** «Aýntraht»—«Aberdin»: 2–1, HJK—PAOK: 2–3; **«H»:** «Ludogores»—«Spartak Trnawa»: 4–0, «Fenerbahçe»—«Nordşellan»: 3–1.

# DÜNÝÄ REKORDY BERLINDE TÄZELENDI

Dünýäniň öňdebaryjy 6 marafonynyň biri bolan Berlin marafony 49-njy gezek geçirildi. Germaniýanyň paýtagtynda geçirilen marafonda zenanlaryň arasynda dünýä rekordy täzelendi. Efiopiýaly 29 ýaşyndaky ýeňil atletikaçy Tigit Assefa 2 sagat 11 minut 53 sekuntda pellehana gelip, dünýä rekordyny goýdy. Ol keniýaly Brigid Kosgeiniň 2019-njy ýylda Çikago marafonynda goýan rekordyny 2 minutdan hem gowrak derejede ösdürmegi başardy. Assefa geçen ýyl hem Berlinde ýeňiş gazanypdy. Zenanlaryň arasyndaky ýaryşda keniýaly Şeila Çepkirui 2-nji, tanzaniýaly Magdalena Şauri 3-nji orna mynasyp boldy.



Erkekleriň arasynda 38 ýaşyndaky keniýaly türgen, Olimpiýa oýunlarynyň 2 gezek çempiony Eliud Kipçoge hemmeden öň pellehana geldi. Onuň görkezen netijesi 2 sagat 2 minut 42 sekunda deň boldy. Berlinde bassyr 2-nji, umumylykda 4-nji çempionlygyny gazanan Kipçoge Uly marafon ýaryşlarynda 11-nji gezek ýeňiji bolmagy başardy. Geçen ýyl Berlinde erkekleriň arasynda dünýä rekordyny goýan Kipçogeden 31 sekunt yza galan watandaşy Winsen Kipkemoi 2-nji, efiopiýaly Tadese Takele 3-nji ýeri eýeledi.

# «Mançester Siti» ýaryşdan çykdy

Angliýanyň Liga Kubogynyň 3-nji tapgyrynyň duşuşyklary oýnaldy. Tapgyryň merkezi oýnunda «Nýukasl» topary öz meýdançasynda «Mançester Sitini» Aleksander Isakyň 53-nji minutdaky ýeke-täk goly esasynda 1–0 ýeňip, ýaryşdan çykardy. «Nýukasl» indiki tapgyrda Mançester şäheriniň beýleki wekili, kubogyň soňky eýesi «Mançester Ýunaýted» bilen duşuşar. «Ýunaýted» 3-nji tapgyrda «Kristal Palasy» 3–0



ýeňdi. Çempionatda şowsuz günleri başdan geçirýän «Çelsi» öz meýdançasynda «Braýtony» Jeksonyň goly bilen 1–0 utdy. Edil şeýle netije «Brenford» bilen «Arsenalyň» arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, londonlylar Nelsonyň 8-nji minutdaky goly bilen ýeňiş gazandy. «Liwerpul» öz meýdançasynda «Lesteri» Gakpo, Saboslai hem-de Žotanyň gollary esasynda 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 4-nji tapgyryň duşuşyklary oktýabr aýynda geçiriler.

# ÝEŇLIŞSIZ TOPARLAR AZALÝAR

**Ýewropanyň öňdebaryjy çempionatlarynda 5–6–7-nji tapgyrlaryň duşuşyklary geçirildi. Angliýada 4 klubuň — «Mançester Siti», «Liwerpul», «Arsenal» hem-de «Tottenhamyň» ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär. Italiýada 6-njy tapgyrdan soň ýeňlişsiz topar galmady. Ispaniýada-da «Realyň» Madrid derbisinde «Atletikodan» utulmagyndan soň «Žirona» bilen «Barselona» ýeňlişsiz 2 topar bolup galdy. Fransiýada diňe «Nissa» bilen 6 oýnuň 5-sinde deňme-deň oýnan «Renn» toparlary häzirlikçe ýeňlişsiz barýarlar. Germaniýada sanawyň öňdebaryjy 2 topary – «Bawariýa» bilen «Baýeriň» hataryna «Borussiýa D» hem-de 5 duşuşygyň 4-sinde deňme-deň oýnan «Aýntraht» toparlary hem häzirlikçe goşulýar.**

### 8 GOLY 8 FUTBOLÇY GEÇIRDI

Angliýanyň çempionatynda «Mançester Siti» öz meýdançasynda «Nottingam Foresti» Foden hem-de Holannyň gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňdi. Tapgyryň merkezi oýnunda – London derbisinde «Arsenal» bilen «Tottenham» toparlary




2–2 hasabynda deňme-deň oýnady. «Arsenalyň» gollaryny Romero (ö.d.) bilen Saka (p), «Tottenhamyň» 2 goluny hem Hyn Min Son geçirdi. «Şeffild Ýunaýted» bilen «Nýukaslyň» arasyndaky oýunda myhmanlar jogapsyz 8 gol geçirip, taryhy ýeňiş gazandylar. Duşuşykdaky gollaryň 8-sini hem başga-başga oýunçylar öz atlaryna ýazdyrdylar we APL-niň taryhynda şeýle waka ilkinji gezek hasaba alyndy. «Çelsidäki» şowsuzlyk dowam edip, londonlylar öz meýdançasynda «Aston Willadan» 1–0 hasabynda asgyn geldi. «Liwerpul» bolsa öz meýdançasynda «West Hamy» Salah (p), Nunýes hem-de Žotanyň gollary bilen 3–1 hasabynda ýeňdi.

### «ŽIRONA» SANAWYŇ LIDERI

Ispaniýanyň çempionatynda 6-njy tapgyrda «Atletikodan» 3–1 asgyn gelip, möwsümde ilkinji gezek ýeňlişe sezewar bolan «Real Madrid» 7-nji tapgyrda öz meýdançasynda «Las Palmasdan» Braim Diaz hem-de Hoselunyň gollary esasynda 2–0 üstün çykdy. Häzirki çempion «Barselona» 6-njy tapgyrda öz meýdançasynda «Seltany» garşydaşynyň 2–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, soňky 10 minutda Lewandowskiniň (81, 86) hem-de Kanselonyň (89) gollary bilen 3–2 ýeňipdi. Katalonlar 7-nji tapgyrda myhmançylykda «Malýorka» bilen 2–2 hasabynda deňme-deň oýnap, garşydaşyny 13 ýyldan soň ýeňip bilmedi. «La Ligada» 6-njy tapgyrda «Malýorkany» 5–3, 7-nji tapgyrda-da myhmançylykda «Wilýarrealy» 2–1 hasabynda ýeňen «Žirona» ýeňlişsiz ýagdaýda 1-nji orunda barýar. «Žirona» topary 8-nji tapgyrda 2-nji ýerdäki «Real Madridi» kabul eder.

### ILKI «ÝUWENTUSY», SOŇRA «INTERI» UTDY

Italiýanyň çempionatynda «Sassuolo» 5-nji tapgyrda «Ýuwentusy» 4–2, 6-njy tapgyrda-da myhmançylykda «Interi» 2–1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Toparyň ýyldyz oýunçysy Berardi her duşuşykda 1 gol geçirdi. 5-nji tapgyrda «Weronany» Leaonyň ýeke-täk goly bilen ýeňen «Milan» 6-njy tapgyrda «Kaliarini» Okafor, Tomori hem-de Loftus-Çikiň gollary esasynda 3–1 hasabynda utdy. «Ýuwentus» topary 6-njy tapgyrda «Leççeni» Milikiň ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Bolonýa» bilen golsuz deňme-deň oýnan çempion «Napoli» öz meýdançasynda «Udinezeni» 4–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda iň soňky gezek mart aýynda «Torinonyň» derwezesinden gol geçiren Hwiça Kwareshelýa 23 oýundan soň gol geçirmegi başardy.

### PARIŽLILERIŇ YNAMLY ÝEŇŞI

Fransiýanyň çempionatynda «Le Classique» derbisinde PSŽ öz meýdançasynda «Marsel» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi. Gollary 8-nji minutda Aşraf Hakimi, 37-nji minutda Kolo Muani hem-de 47-nji we 89-njy minutlarda Gonsalo Ramuş derweze girizdi. «Monako» bilen «Nissanyň» arasyndaky oýunda myhmanlar 90+1-nji minutda Boganyň goly esasynda ýeňşini baýram etdi. Duşuşykda «Monakonyň» täze transferi Balogun 11-nji hem-de 55-nji minut-



larda penaltini dürs urup bilmedi. Öz meýdançasynda tälimçiligе Fabio Grossony bellän «Liony» Munieniň 87-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňen «Brest» sanawda 1-nji orunda barýar.

### «BAWARIÝA» ÝENE-DE 7–0 ÝEŇDI

Germaniýanyň çempionatynda soňky çempion «Bawariýa» öz meýdançasynda «Bohumy» kabul edip, garşydaşyny 7–0 hasabynda ýeňdi. Gollaryň 3-sini Harri Keýn geçirip, ol täze toparyndaky ilkinji het-trigini etdi. Beýleki gollary Şupo-Moting, De Ligt, Sane hem-de Tel geçirdi. «Bawariýa» «Bohumy» geçen ýylam myhmançylykda 7–0 ýeňipdi. «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Wolfsburgy», «Leipsig» hem myhmançylykda «Borussiýa M» toparyny 1–0 hasabynda utdy. Ýeňlişsiz barýan «Baýer» öz meýdançasynda «Bundesliga» ilkinji gezek wekilçilik edýän «Haýdenhaým» toparyny 4–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda gollary Bonifase (2), Hofmann hem-de Adli geçirdi.

### PREMIER LEAGUE (6) — 26 gol

**Man. Siti—Nottingam: 2–0** (Foden 7, Holann 14), **Luton—Wulwerhempton: 1–1** (Morris 65 p — Neto 50), **K. Palas—Fulham: 0–0, Brentford—Ewerton: 1–3** (Ýensen 28 — Dukure 6, Tarkowski 67, Kalwert-Lýuwin 71), **Börnli—M. Ýunaýted: 0–1** (Bruno Fernandeş 45), **Çelsi—A. Willa: 0–1 (Wotkins 73), Liwerpul—West Ham: 3–1** (Salah 16 p, Nunýes 60, Žota 85 — Bowen 42), **Braýton—Bornmut: 3–1** (Kerkež 45+2 ö.d., Mitoma 47, 77 — Solanke 25), **Arsenal—Tottenham: 2–2** (Romero 26 ö.d., Saka 54 p — Hyn Min Son 42, 55), **Şeffild Ýun.—Nýukasl: 0–8** (Longstaff 21, Bern 31, Botman 35, Wilson 56, Gordon 61, Almiron 68, Gimaraýns 73, Isak 87)

### LA LIGA (7) — 20 gol

**Sewilýa—Almeriýa: 5–1** (En-Nesiri 7, Lukebakio 8, Suso 38, Lamela 51, Salas 90+2 — Luis Suares 71 p), **Malýorka—Barselona: 2–2** (Muriki 8, Prats 45+3 — Rafinýa 41, Lopes 75), **Atletik—Hetafe: 2–2** (Berçiçe 6, Iniaki Williams 62 — Alwares 51, Latasa 83), **Wilýarreal—Žirona: 1–2** (Pareho 49 p — Dowbyk 56, Erik Garsiýa 61), **Real Madrid—Las Palmas: 2–0** (Braim Diaz 45+2, Hoselu 54), **Walensiýa – Real Sosiedad: 0–1** (Fernandes 32), **Kadiz—Raýo Wallekano: 0–0, Granada—Betis, Selta—Alawes, Osasuna—Atletiko**

### SERIE A (6) — 17 gol

**Ýuwentus—Leçç e: 1–0** (Milik 57), **Empoli—Salernitana: 1–0** (Baldanzi 34), **Kaliari—Milan: 1–3** (Luwumbo 29 — Okafor 40, Tomori 45, Loftus-Çik 60), **Werona—Atalanta: 0–1** (Koopmeýners 13), **Napoli—Udineze: 4–1** (Zelinski 19 p, Osimhen 39, Kwareshelýa 74, Simeone 82 — Samarjiç 81), **Lasio—Torino: 2–0** (Wesino 56, Zakkanýi 75), **Inter—Sassuolo: 1–2** (Dumfris 45+1 — Baýrami 54, Berardi 63), **Frozinone—Fiorentina, Monza—Bolonýa, Jenoa—Roma**

### LIGUE 1 (6) — 24 gol

**Monako—Nissa: 0–1** (Boga 90+1), **Nant—Loriýa: 5–3** (Ablin 42, Jömert 46, Mohamed 55, Molle 83, Simon 90+9 p — Krupi 6, Fewr 76, Aýegun 85), **Brest—Lion: 1–0** (Munie 87), **Mets—Strasbur: 0–1** (Diarra 83), **Le Hawr—Klermon: 2–1** (Aliui 4, Baýo 7 — Konate 45+1), **Lans—Tuluza: 2–1** (Said 45+2, Gilýawogi 84 — Helabert 33), **Monpelie—Renn: 0–0, PSŽ—Marsel: 4–0** (Hakimi 8, Kolo Muani 37, Ramuş 47, 89), **Lill—Reýms: 1–2** (Andre 80 — Darami 12, Nakamura 16)

### BUNDESLIGA (5) — 26 gol

**Şutgart—Darmştadt: 3–1** (Miýo 22, Girassi 32, 90+3 — Zagadu 17 ö.d.), **Augsburg —Maýns: 2–1** (Demirowiç 15, 45 – Ažork 6), **Bawariýa—Bohum: 7–0** (Şupo-Moting 4, Keýn 13, 54 p, 88, De Ligt 29, Sane 38, Tel 81), **Union Berlin—Hoffenhaým: 0–2** (Kramariç 22 p, Baýer 38), **Borussiýa D—Wolfsburg: 1–0** (Roýs 68), **Borussiýa M—Leipsig: 0–1** (Werner 75), **Werder—Köln: 2–1** (Borre 38, Nžinma 67 – Zelke 31), **Baýer—Haýdenhaým: 4–1** (Bonifase 9, 74 p, Hofmann 63, Adli 82 – Dinkçi 58), **Aýntraht—Fraýburg: 0–0**

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MAN. SITI | 6 | 6 | 0 | 0 | 16-3 | 18 |
| 2 | LIWERPUL | 6 | 5 | 1 | 0 | 15-5 | 16 |
| 3 | BRAÝTON | 6 | 5 | 0 | 1 | 18-8 | 15 |
| 4 | TOTTENHAM | 6 | 4 | 2 | 0 | 15-7 | 14 |
| 5 | ARSENAL | 6 | 4 | 2 | 0 | 11-6 | 14 |
| 6 | ASTON WILLA | 6 | 4 | 0 | 2 | 12-10 | 12 |
| 7 | WEST HAM | 6 | 3 | 1 | 2 | 11-10 | 10 |
| 8 | NÝUKASL | 6 | 3 | 0 | 3 | 16-7 | 9 |
| 9 | M. ÝUNAÝTED | 6 | 3 | 0 | 3 | 7-10 | 9 |
| 10 | K. PALAS | 6 | 2 | 2 | 2 | 6-7 | 8 |
| 11 | FULHAM | 6 | 2 | 2 | 2 | 5-10 | 8 |
| 12 | NOTTINGAM | 6 | 2 | 1 | 3 | 7-9 | 7 |
| 13 | BRENTFORD | 6 | 1 | 3 | 2 | 9-9 | 6 |
| 14 | ÇELSI | 6 | 1 | 2 | 3 | 5-6 | 5 |
| 15 | EWERTON | 6 | 1 | 1 | 4 | 5-10 | 4 |
| 16 | W. HEMPTON | 6 | 1 | 1 | 4 | 6-12 | 4 |
| 17 | BORNMUT | 6 | 0 | 3 | 3 | 5-11 | 3 |
| 18 | LUTON TAWN | 5 | 0 | 1 | 4 | 3-11 | 1 |
| 19 | BÖRNLI | 5 | 0 | 1 | 4 | 4-13 | 1 |
| 20 | ŞEFFILD ÝUN. | 6 | 0 | 1 | 5 | 5-17 | 1 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ŽIRONA | 7 | 6 | 1 | 0 | 18-8 | 19 |
| 2 | REAL MADRID | 7 | 6 | 0 | 1 | 13-6 | 18 |
| 3 | BARSELONA | 7 | 5 | 2 | 0 | 18-8 | 17 |
| 4 | ATLETIK B | 7 | 4 | 2 | 1 | 13-6 | 14 |
| 5 | R. SOSIEDAD | 7 | 3 | 3 | 1 | 13-10 | 12 |
| 6 | R. WALLEKANO | 7 | 3 | 2 | 2 | 7-7 | 11 |
| 7 | WALENSIÝA | 7 | 3 | 1 | 3 | 9-7 | 10 |
| 8 | ATLETIKO M | 5 | 3 | 1 | 1 | 13-5 | 10 |
| 9 | KADIZ | 7 | 2 | 3 | 2 | 6-8 | 9 |
| 10 | HETAFE | 7 | 2 | 2 | 3 | 10-13 | 8 |
| 11 | BETIS | 6 | 2 | 2 | 2 | 6-11 | 8 |
| 12 | SEWILÝA | 6 | 2 | 1 | 3 | 11-9 | 7 |
| 13 | OSASUNA | 6 | 2 | 1 | 3 | 7-8 | 7 |
| 14 | WILÝARREAL | 7 | 2 | 1 | 4 | 10-13 | 7 |
| 15 | MALÝORKA | 7 | 1 | 3 | 3 | 9-12 | 6 |
| 16 | ALAWES | 6 | 2 | 0 | 4 | 5-9 | 6 |
| 17 | LAS PALMAS | 7 | 1 | 2 | 4 | 2-6 | 5 |
| 18 | SELTA | 6 | 1 | 1 | 4 | 6-10 | 4 |
| 19 | GRANADA | 6 | 1 | 0 | 5 | 9-17 | 3 |
| 20 | ALMERIÝA | 7 | 0 | 2 | 5 | 8-18 | 2 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | INTER | 6 | 5 | 0 | 1 | 15-3 | 15 |
| 2 | MILAN | 6 | 5 | 0 | 1 | 13-8 | 15 |
| 3 | ÝUWENTUS | 6 | 4 | 1 | 1 | 12-6 | 13 |
| 4 | ATALANTA | 6 | 4 | 0 | 2 | 11-5 | 12 |
| 5 | NAPOLI | 6 | 3 | 2 | 1 | 12-6 | 11 |
| 6 | LEÇÇE | 6 | 3 | 2 | 1 | 8-5 | 11 |
| 7 | FIORENTINA | 5 | 3 | 1 | 1 | 11-9 | 10 |
| 8 | SASSUOLO | 6 | 3 | 0 | 3 | 11-12 | 9 |
| 9 | FROZINONE | 5 | 2 | 2 | 1 | 8-7 | 8 |
| 10 | TORINO | 6 | 2 | 2 | 2 | 6-7 | 8 |
| 11 | LASIO | 6 | 2 | 1 | 3 | 7-8 | 7 |
| 12 | WERONA | 6 | 2 | 1 | 3 | 4-6 | 7 |
| 13 | BOLONÝA | 5 | 1 | 3 | 1 | 3-4 | 6 |
| 14 | ROMA | 5 | 1 | 2 | 2 | 12-7 | 5 |
| 15 | MONZA | 5 | 1 | 2 | 2 | 4-7 | 5 |
| 16 | JENOA | 5 | 1 | 1 | 3 | 4-8 | 4 |
| 17 | SALERNITANA | 6 | 0 | 3 | 3 | 4-10 | 3 |
| 18 | UDINEZE | 6 | 0 | 3 | 3 | 2-10 | 3 |
| 19 | EMPOLI | 6 | 1 | 0 | 5 | 1-13 | 3 |
| 20 | KALIARI | 6 | 0 | 2 | 4 | 2-9 | 2 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BREST | 6 | 4 | 1 | 1 | 8--6 | 13 |
| 2 | NISSA | 6 | 3 | 3 | 0 | 8--4 | 12 |
| 3 | PSŽ | 6 | 3 | 2 | 1 | 14--6 | 11 |
| 4 | MONAKO | 6 | 3 | 2 | 1 | 15--8 | 11 |
| 5 | REÝMS | 6 | 3 | 1 | 2 | 11--8 | 10 |
| 6 | STRASBUR | 6 | 3 | 1 | 2 | 7--8 | 10 |
| 7 | LE HAWR | 6 | 2 | 3 | 1 | 10--7 | 9 |
| 8 | MARSEL | 6 | 2 | 3 | 1 | 7--8 | 9 |
| 9 | RENN | 6 | 1 | 5 | 0 | 10--6 | 8 |
| 10 | NANT | 6 | 2 | 2 | 2 | 11--11 | 8 |
| 11 | LILL | 6 | 2 | 2 | 2 | 8--9 | 8 |
| 12 | METS | 6 | 2 | 2 | 2 | 7--10 | 8 |
| 13 | MONPELIE | 6 | 1 | 3 | 2 | 9--9 | 6 |
| 14 | LORIÝAN | 6 | 1 | 3 | 2 | 10--12 | 6 |
| 15 | TULUZA | 6 | 1 | 3 | 2 | 6--8 | 6 |
| 16 | LANS | 6 | 1 | 1 | 4 | 6--12 | 4 |
| 17 | LION | 6 | 0 | 2 | 4 | 3--11 | 2 |
| 18 | KLERMON | 6 | 0 | 1 | 5 | 5--12 | 1 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 5 | 4 | 1 | 0 | 18-4 | 13 |
| 2 | BAÝER | 5 | 4 | 1 | 0 | 17-6 | 13 |
| 3 | ŞTUTGART | 5 | 4 | 0 | 1 | 17-7 | 12 |
| 4 | LEIPSIG | 5 | 4 | 0 | 1 | 14-4 | 12 |
| 5 | HOFFENHAÝM | 5 | 4 | 0 | 1 | 12--6 | 12 |
| 6 | BORUSSIÝA D | 5 | 3 | 2 | 0 | 9--5 | 11 |
| 7 | WOLFSBURG | 5 | 3 | 0 | 2 | 7--6 | 9 |
| 8 | AÝNTRAHT | 5 | 1 | 4 | 0 | 4--3 | 7 |
| 9 | FRAÝBURG | 5 | 2 | 1 | 2 | 5--10 | 7 |
| 10 | UNION BERLIN | 5 | 2 | 0 | 3 | 9--9 | 6 |
| 11 | WERDER | 5 | 2 | 0 | 3 | 8--10 | 6 |
| 12 | AUGSBURG | 5 | 1 | 2 | 2 | 9--13 | 5 |
| 13 | HAÝDENHAÝM | 5 | 1 | 1 | 3 | 9--3 | 4 |
| 14 | BOHUM | 5 | 0 | 3 | 2 | 4--16 | 3 |
| 15 | BORUSSIÝA M | 5 | 0 | 2 | 3 | 8--13 | 2 |
| 16 | KÖLN | 5 | 0 | 1 | 4 | 4--9 | 1 |
| 17 | DARMŞTADT | 5 | 0 | 1 | 4 | 6--16 | 1 |
| 18 | MAÝNS | 5 | 0 | 1 | 4 | 4--14 | 1 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 8 |
| 2 | Hyn Min SON (Tottenham) | 5 |
| 3 | Braýan MBEUMO (Brentford) | 4 |
| 4 | Ewan FERGUSON (Braýton) | 4 |
| 5 | Kallum WILSON (Nýukasl) | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Alwaro MORATA (Barselona) | 5 |
| 2 | Jud BELLINGAM (Real Madrid) | 5 |
| 3 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 5 |
| 4 | Iniaki WILLIAMS (Atletik B) | 4 |
| 5 | Takefusa KUBO (R. Sosiedad) | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Lautara MARTINES (Inter) | 5 |
| 2 | Andrea PINAMONTI (Sassuolo) | 4 |
| 3 | Domeniko BERARDI (Sassuolo) | 4 |
| 4 | Federiko KIEZA (Ýuwentus) | 4 |
| 5 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (PSŽ) | 7 |
| 2 | Mostafa MOHAMED (Nant) | 5 |
| 3 | Nabil ALIUI (Le Hawr) | 4 |
| 4 | Wissam BEN ÝEDDER (Monako) | 4 |
| 5 | Teddi TEUMA (Reýms) | 3 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Seru GIRASSI (Ştutgart) | 10 |
| 2 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 7 |
| 3 | Wiktor BONIFAS (Baýer) | 6 |
| 4 | Ýonas WINN (Wolfsburg) | 5 |
| 5 | Eren DINKÇI (Haýdenhaým) | 4 |

# ÝESENINIŇ ESERLERI AHYRYNA ÇENLI OKALÝAR

Russiýanyň «LitRes» kitap hyzmatlary kompaniýasy okyjylarynyň soňky sahypa çenli haýsy eserleri okaýandyklaryny seljerdi. Soňky iki ýylda 108 milliondan gowrak adam «LitRes» arkaly kitap okap başlap, olaryň ýarysyndan gowragy (51%) eline alan eserlerini soňuna çenli okapdyr. Olaryň 14%-i audiokitaplary diňleýär. Okyjylaryň 58%-i çeper eserleri okaýar. Köplenç bu žanra hem bagly bolup, okyjylaryň 60%-i detektiw eserleri, 61%-i söýgi romanlaryny, 55%-i uruşly eserleri, 62%-i fentezi eserleri soňuna çenli okaýar. Non-fikşn žanrynyň okyjylarynyň soňuna çenli okamaýandygy belli boldy: olaryň diňe 29%-i soňuna çenli okap, şonçasy hem başlap, taşlaýan eken. Non-fikşn kitaplaryň iň meşhurlary Wladimir Zelandyň eserleri bolup, olary ortaça, 52% okyjy soňuna çenli okapdyr.



Ahyryna çenli okamak babatda rus edebiýaty (44%) daşary ýurt nusgawy edebiýatyndan (42%) öňe geçýär. Rus ýazyjylarynyň başyny Sergeý Ýesenin çekýär: okyjylaryň 63%-i onuň eserlerini ahyryna çenli doly okaýar. Soňuna çenli okamak boýunça ikinji orunda 62% bilen Mihail Bulgakow, üçünji orunda Anton Çehow (60%) gelýär. Rus nusgawy ýazyjylarynyň ahyryna çenli okalýan eserleriniň üçlüginde Anton Çehowyň «Içgili nukdaýnazardan bir zenan» (92,90%), «Bulamak» (90,25%) we «Şikaýat kitaby» (90,10%) eserleri bar. Aýn Rendiň audio görnüşindäki «Çeşme» (84%) kitaby daşary ýurtly nusgawy ýazyjynyň ahyryna çenli diňleýän eseri boldy. Daşary ýurtly nusgawy ýazyjylaryň arasynda eserleri ahyryna çenli doly okalýan Jon Faulz (53%), Artur Konan Doýl (52%) we Gi de Mopassan (51%) bar.

Häzirki zaman ýazyjylarynyň kitaplary, takmynan, deň derejede doly okalýar: daşary ýurt ýazyjylarynyňky 48%, rus ýazyjylarynyňky bolsa, 49%-e deň. Birinji kategoriýada eserleri ahyryna çenli doly okalýan ýazyjylar Maýk Omer (70%), Robert Gelbreýt (60%) we Kristin Hanna (68%) boldy. Ikinjisinde - ýazyjylar topary «Anonymus» (74%), Stas Babitskiý (73%) we Wera Bogdanowa (70%) bar.

Daşary ýurtly ýazyjylaryň eserleriniň arasynda Gregori Dewid Robertsiň «Şantaram» sikliniň bäşinji bölümi (90%), Donna Tarttyň «Alatogan» romanynyň ahyrky dördünji we bäşinji bölümleri (88,92%), şeýle hem Donna Tarttyň ýatlanyp geçilen kitaplarynyň ikinji we üçünji bölümleri (86,69%) iň soňky sahypalaryna çenli audio format görnüşinde diňlenýär. Häzirki zaman rus ýazyjylarynyň arasynda soňuna çenli diňlenýän eserleriniň sany boýunça Dina Rubinanyň audio görnüşindäki eserleri öňde barýar: «Napoleonyň ýükli arabalary. Kitap 3. Perişdäniň şahy» (87,38%), «Napoleonyň ýükli arabalary. Kitap 2. Ak atlar» (87,15%) we «Rus sarybilbili. Yzyny tapan ogul» (85,12%).

Sanly kitapda müňden gowrak sahypa ýa-da 1000 minut bar bolsa-da, okyjylaryň 49%-i ahyryna çenli ony okap ýa-da diňläp bilýär. Soňuna çenli okalýan iň köp göterim gazanan uly göwrümli eserleriň başligine: Erih Mariýa Remarkyň «Üç ýoldaş» (60%), Alekseý Iwanowyň «Parmanyň ýüregi» (54%), Kotaro Isakanyň «Ganhorlaryň otlusy» (52%), Teodor Draýzeriň «Maliýeçi» (50%) we Wiktor Pelewiniň «Transhumanism inc.» (49%) audiokitaplary girdi.

**Jennet HALLYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Nobel baýragynyň möçberi artdyryldy

Halkara Nobel baýragynyň pul sylagy bir million şwed krony möçberinde artdyryldy. Bu ýyl sylagyň möçberi 11 million şwed kronyna deň bolup, 984 müň amerikan dollaryna barabardyr. Bu pul sylagyny baýragyň her bir eýesi alyp biler diýlip, Nobel gaznasynyň saýtynda habar berildi.

2022-nji ýylyň ahyrynda Nobel gaznasynyň maýa goýum pulunyň bazar bahasy 5,8 milliard krona golaýlady (519 million dollar). 2023-nji ýylyň baýrak eýeleri 2-nji oktýabrda mälim ediler. Nobel hepdeligi däp boýunça Stokgolmda



we Osloda geçirilip, 9-njy oktýabrda tamamlanar.

Bukmekerler şu ýyl Nobeliň edebiýat boýunça baýragyna ýapon ýazyjysy Haruki Murakaminiň esasy dalaşgärdigini öňe sürýärler. Geçen ýyl bu baýraga «üzňeleşmegiň we şahsy hakydanyň köpçülikleýin çäklendirilmeginiň asyl köklerini açyp görkezmekdäki batyrgaýlygy we ötgürligi üçin» fransiýaly ýazyjy zenan Anni Erno eýe bolupdy. Komitetiň belleýşi ýaly, fransuz ýazyjysy Anni Erno özüniň döredijiliginde gender, dil we synpy aýratynlyklary bilen tapawutlanan durmuşy dürli tarapdan tutanýerli öwrenýär.

# Britni Spirs ýatlamalar kitabyny çykarar

Amerikan aýdymçysy Britni Spirsiň öz durmuşy barada jikme-jik gürrüň berjek «Mendäki zenan» (The Woman In Me) atly ýatlamalar kitaby 24-nji oktýabrda «Simon & Schuster» neşirýaty tarapyndan neşir ediler. Şazada Garriniň awtobiografiýasyndan soň, Britni Spirsiň bu eseri 2023-nji ýylyň iň köp garaşylýan ýatlamalar kitabydyr.

Spirs kitabynda özüniň geçen şöhratly ýoly baradaky ýatlamalary paýlaşar, şeýle-de aýdym-saz karýerasy we maşgala agzalary bilen gatnaşyklary



barada gürrüň berer. Neşirýatyň habaryna görä, aýdymçy ýatlamalaryny çap etmek hukugy üçin, takmynan, 15 million dollar alar.

«Simon & Schuster»-den başga-da beýleki iri neşirýatlar hem ýyldyz bilen şertnama baglaşmak islediler. Habar beriş serişdeleri bu şertnamany Barak we Mişel Obamanyň ýatlamalaryny hasaba almasaň «ähli döwürleriň iň uly şertnamasy» diýip atlandyrdy. ABŞ-nyň öňki Prezidenti Barak Obama we aýaly Mişel Obama, öz durmuşlary baradaky kitabyny çap etmek hukugyndan 65 million dollar gazandylar.

# KITAP ÝARMARKASY GEÇIRILÝÄR

20-nji sentýabrda Yragyň paýtagty Bagdatda 24-nji Halkara kitap ýarmarkasy öz işine başlady. Bu medeni çärä 15 ýurtdan 600 töweregi ýerli we daşary ýurtly neşirýatlar gatnaşýar.

Bagdadyň Halkara kitap ýarmarkasynyň müdiri Ahmed al-Zaki žurnalistler bilen söhbetdeşlikde dürli medeni we döredijilik çärelerini öz içine alýan 10 günlük ýarmarkanyň Yrakda möhüm medeni waka bolup durýandygyny aýtdy. Onuň sözlerine görä, kitap ýarmarkasy ilkinji gününden başlap, köp adamly boldy, çünki adamlar okamak arkaly arap we dünýä medeniýetini öwrenmäge çalyşýarlar.

– Ýarmarkanyň dowamynda awtograf-sessiýalary, medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de syýasatçylaryň gatnaşmagynda dürli temalara bagyşlanan seminarlar ýaly köp sanly çeper we medeni çäreler geçirilýär – diýip, Ahmed al-Zaki sözüniň üstüne goşdy.



Bu ýarmarka Yrakdaky medeni işjeňligi baýlaşdyrmaga, adamlaryň, esasan hem, ýaşlaryň okamaga bolan endigini has-da ösdürmäge oňaýly mümkinçilikdir – diýip, ýarmarka gatnaşýan Basim al-Azawi aýtdy.

**Arzygül ÇARYÝEWA,** *Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Mollamurt adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.*

# Paýhaslar

☑ Durmuşyň maksady dogry ýaşamak, dogry pikirlenmek we dogry hereket etmek.
*Mahatma Gandi.*

☑ Her kimiň soňky demine çenli özüni üýtgetmäge we ösmäge mümkinçiligi bar.
*M. F. Raýan.*

☑ Şowsuzlyk, täzeden başlamak üçin mümkinçilik, ýöne indi has akylly.
*Genri Ford.*

☑ Ýüregiňizde näçeräk köp söýgi, paýhas, gözellik, hoşniýetlilik döretseňiz, olary daş-töweregiňizdäki dünýäde şonça-da köp görersiňiz.
*Tereza ene.*

☑ Özüňiz bilen deňeşdirmeli ýeke-täk adam, ol öňki geçmişiňizdir. Indi ondan hem gowy bolmaly ýeke-täk adam – bu ine sensiň.
*Zigmund Freýd.*

☑ Has güýçli adamlar bilen türgenleşiň. Başgalaryň boýun synýan ýerinde boýun synmaň. Şonda ýeňip bolmajak ýerde ýeňersiňiz.
*Brýus Li.*

☑ Sport zallarynda çempion bolup bolmaýar. Çempion adamyň içindäki islegden, arzuwdan, maksatdan döreýär.
*Muhammet Aly.*

☑ Her kynçylyk güýçlenmek üçin mümkinçilikdir.
*Dýuk Ellington.*

☑ Ýyldyzlara ymtylýan adam yzyna öwrülmeýär.
*Leonardo da Winçi.*

☑ Halaýan käriňizi saýlaň, şonda ömrüňizde bir gün hem işlemedik ýaly bolarsyňyz.
*Konfusiý.*

☑ Eger-de düýpsüz uçuda uzak wagtlap siňe seredip dursaňyz, uçut hem size seredip başlar.
*Fridrih Nisşe.*

☑ Ömrümiz paýawlap barýarka biz diňe iki zada: az söýendigimize we az syýahat edendigimize gynanarys.
*Mark Twen.*

☑ Maksatlar hiç haçan ýönekeý bolmaly däldir. Olar seni işletmek üçin çylşyrymly bolmalydyr.
*Maýkl Felps.*

☑ Ýaş – bu diňe kelläňizde özüňize goýan çägiňizdir.
*Jekki Joýner-Kersi.*

☑ Şowsuzlykdan gorkmaň, sebäbi bu üstünlige barýan ýoluňyzdyr.
*Lebron Jeýms.*

☑ Durmuş özüňi tapmakdan ybarat däl. Durmuş özüňizi döretmekdir.
*Bernard Şow.*

«TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ
«TÜRKMENTURBA» ZAWODY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Häzirki döwürde Siziň baştutanlygyňyzda Garaşsyz Watanymyzyň ösüşiň ýoly bilen ynamly öňe barýandygy, halkymyzyň rowaçlygyny yzygiderli ýokarlandyrmak boýunça giň gerimli işleriň alnyp barylýandygy buýsanjymyzy goşalandyrýar. Ýurdumyz dünýä döwletleri bilen dostdoganlyk gatnaşyklaryny saklap, ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, durnukly ösüşiň pugtalandyrylmagyna saldamly goşant goşýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy hem-de «Altyn Aý» altyn nyşanynyň gowşurylmagy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

«Garagum Ulag» H. J.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Siziň taýsyz tagallalaryňyz netijesinde ýurdumyzda täzeçil özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär, Garaşsyz Türkmenistanda gysga taryhy döwürde ägirt uly işler amala aşyryldy.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllygynyň öň ýanynda Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy we aýratyn tapawutlandyryş nyşanynyň – «Altyn Aý» altyn nyşanynyň gowşurylmagy mynasybetli ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys! Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli tagallalaryňyz mundan beýläk hem rowaç bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

nowa
ÝOKARY HILLI GAPLAMA

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Size Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 32 ýyllygynyň öň ýanynda Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy we aýratyn tapawutlandyryş nyşanynyň – «Altyn Aý» altyn nyşanynyň dabaraly ýagdaýda gowşurylmagy mynasybetli tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Size berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan döwlet ähmiýetli işleriňizde hemişe rowaçlyk arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AGRI

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Ýurdumyzda 24-nji sentýabrda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisinde, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda, Size Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy hem-de «Altyn Aý» altyn nyşanynyň gowşurylmagy buýsanjymyzy artdyrdy.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi bu şanly waka bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, türkmen halkynyň bagtyýarlygynyň, abadançylygynyň bähbidine alyp barýan asylly işleriňizde mundan beýläk hem üstünlikler arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Siziň gatnaşmagyňyzda 24-nji sentýabrda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisinde, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda, Size Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy hem-de «Altyn Aý» altyn nyşanynyň gowşurylmagy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda ýurdumyzda senagat pudaklaryny ösdürmek, innowasion häsiýetli kärhanalaryň işini ýola goýmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan we eksport ugurly önümleriň önümçiliklerini döretmek, oba hojalygyny özgertmek, dokma önümçiligini giňeltmek, ýurdumyzyň ähli sebitlerinde täze iş orunlaryny döretmek we ilatymyzy durmuş taýdan goramak boýunça toplumlaýyn işler ýerine ýetirilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size Türkmenistanyň Gahrymany diýen adyň dakylmagy hem-de «Altyn Aý» altyn nyşanynyň gowşurylmagy bilen ähli işgärlerimiziň adyndan Sizi ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, türkmen halkynyň bagtyýarlygynyň, ýurdumyzyň gülläp ösmeginiň bähbidine alyp barýan işleriňizde mundan beýläk hem üstünlikleri arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# RUHABAT DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Size Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy we aýratyn tapawutlandyryş nyşanynyň – «Altyn Aý» altyn nyşanynyň dabaraly ýagdaýda gowşurylmagy mynasybetli tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Ýurdumyzda Siziň baştutanlygyňyzda dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklary ösdürilýär. Ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, durnukly ösüşiň pugtalandyrylmagy üçin uly işler alnyp barylýar. Siziň täze taryhy döwrümizde yglan eden «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňize laýyklykda, öňde goýlan belent maksatlar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty has-da ýokarlanyp, ata Watanymyz dünýäde syýasy we ykdysady taýdan durnukly ösýän ýurt hökmünde ykrar edilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň döwlet Baştutanynyň wezipesinde çekýän ýadawsyz zähmetiňiziň netijesinde ýurdumyz hemmetaraplaýyn ösýär, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda giň gerimli işler alnyp barylýar. Bu gazanylýan üstünlikler, ýurdumyzyň halkara abraýynyň barha artmagy Siziň döwlet Baştutanynyň wezipesinde alyp barýan oňyn syýasatyňyzyň aýdyň beýanydyr. Goý, mundan beýläk hem işleriňiz rowaç, janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# AJAÝYP BINA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Siziň gatnaşmagyňyzda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde Size Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy we aýratyn tapawutlandyryş nyşanynyň – «Altyn Aý» altyn nyşanynyň gowşurylmagy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Garaşsyz Watanymyz Siziň baştutanlygyňyzda ýokary depginlerde ösýär we özgerýär, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda giň gerimli işler alnyp barylýar. Aşgabat we Arkadag şäherlerinde hem-de ýurdumyzyň welaýatlarynda medeni-durmuş maksatly binalar, döwrebap ýaşaýyş jaýlary, senagat-önümçilik toplumlary yzygiderli gurulýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň giň gerimli özgertmeleriňiziň netijesinde halkymyz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň nobatdaky senesini durmuşyň ähli ugurlarynda ajaýyp zähmet üstünlikleri bilen garşylady. Ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmäge gönükdirilen düýpli özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär, ata Watanymyzyň abraýy bütin dünýäde barha belende galýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, işleriňiziň mundan beýläk hem rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Aşgabat şäherinde 24-nji sentýabrda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi halkymyzyň bagtyýarlygynyň, ýurdumyzyň beýik ösüşlere beslenýändigininiň aýdyň nyşany boldy. Halk Maslahatynyň mejlisinde Size Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy we aýratyn tapawutlandyryş nyşanynyň — «Altyn Aý» altyn nyşanynyň dabaraly ýagdaýda gowşurylmagy biziň ählimizi buýsandyran şatlykly waka boldy. Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy we aýratyn tapawutlandyryş nyşanynyň — «Altyn Aý» altyn nyşanynyň dabaraly ýagdaýda gowşurylmagy mynasybetli, Arkadagly Serdarymyz, Sizi tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň taýsyz tagallalaryňyz netijesinde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizi ähli ulgamlar boýunça sazlaşykly ösdürmäge, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, bagtyýar türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmaga gönükdirilen iri möçberli döwlet maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Sizi bu waka mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, ata Watanymyzyň ösüşiniň bähbidine alyp barýan giň gerimli işleriňizde mundan beýläk hem üstünlikler arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**